# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
# – TÜRKMENISTANDA TEBIGY GAZY TURBAGEÇIRIJILER ARKALY EKSPORT ETMEGIŇ MÜMKINÇILIKLERI BILEN ÇÄKLENILMÄN, ONY DIWERSIFIKASIÝALAŞDYRMAK BABATDA GAÝTADAN IŞLEÝÄN SENAGATA HEM ULY ÜNS BERILÝÄR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
28-nji aprel, 2023. Belgisi 17/1531



# TÜRKMEN BEDEWINIŇ ŞANYNA TOÝ TUTULÝAR

**26-njy aprelde paýtagtymyzda Türkmen bedewiniň milli baýramynyň öňüsyrasynda Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň XIII mejlisi geçirildi.**

Behişdi bedewleriň gözelligi, çydamlylygy, asyllylygy, wepalylygy we duýgurlygy, türkmen atşynaslarynyň, seýisleriniň, seçgiçileriniň ýokary ussatlyk derejesi hemmeleri haýran galdyrýar. Ahalteke bedewleriniň Watany bolan Türkmenistan bilen atçylyk ulgamynda özara gatnaşyk etmäge gyzyklanma bildirýän daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň sany barha artýar. 2010-njy ýylda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen döredilen we ştab-kwartirasy Aşgabatda ýerleşýän Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň işi hem şu maksatlara gönükdirilendir.

Assosiasiýanyň nobatdaky mejlisi Halkara ahalteke atçylyk we Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýalarynyň merkeziniň mejlisler zalynda geçirildi. Bu ýerde guralan sergide şekillendiriş, amaly-haşam, halyçylyk we zergärçilik sungatynyň eserleri, behişdi bedewlere bagyşlanan fotosuratlar görkezildi. Ähli döwürlerde bedewler halkymyzyň wepaly dosty we hemrasy, onuň ylham çeşmesi bolupdy we şeýle bolmagynda-da galýar. Ahalteke bedewlerine bolan söýgi türkmenlerde nesilden-nesle geçip gelýär. Bularyň hemmesi baýramçylyk sergisindäki ajaýyp eserlerde öz beýanyny tapdy.

Mejlisiň gün tertibine birnäçe meseleler, şol sanda assosiasiýa täze agzalary kabul etmek, dünýäde ahalteke atçylygyny ösdürmek maksady bilen, netijeli işleri alyp baran assosiasiýanyň agzalaryny döwlet sylaglary bilen sylaglamak bilen baglanyşykly meseleler girizildi.

Nygtalyşy ýaly, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda ýurdumyzda behişdi bedewleriň şanyna baýramçylyk giňden we dabaraly bellenilýär. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda atçylygy we atçylyk sportuny ösdürmek, arassa ganly, naýbaşy ahalteke atlaryny köpeltmek we olaryň tohum arassalygyny gorap saklamak, ata-babalarymyzdan miras galan milli seýisçilik sungatyny has-da kämilleşdirmek boýunça maksatnamalaýyn işler alnyp barylýar. Ýurdumyzda döwrebap atçylyk sport toplumlary, ugurdaş ylmy-okuw merkezleri gurlup ulanmaga berilýär, atşynaslaryň ýaşaýyş-durmuş we iş şertleri yzygiderli gowulandyrylýar, ýurdumyzyň atçylyk pudagy üçin ýaş hünärmenler taýýarlanylýar. Arkadag şäherinde Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň hem-de Atçylyk ylmy-önümçilik merkeziniň döredilmegi munuň aýdyň subutnamasydyr. Türkmen halkynyň Milli Lideriniň başlangyçlary esasynda ýola goýlan asylly däbe görä, baýramçylyk dabaralarynyň çäklerinde ýurdumyzyň welaýatlarynda ýetginjek, uly ýaşly hem-de halypa çapyksuwarlaryň gatnaşmagynda baýramçylyk at çapyşyklary geçirilýär.

Milli mirasymyzyň goralyp saklanylmagynyň, öwrenilmeginiň we dünýäde giňden wagyz edilmeginiň Watanymyzyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridigi, munuň bolsa behişdi bedewleriň şan-şöhratynyň we abraýynyň has-da belende galmagyny şertlendirýändigi nygtaldy. Şunuň bilen baglylykda, assosiasiýanyň agzalarynyň we ady rowaýata öwrülen bedewleriň muşdaklarynyň sanynyň ýyl-ýyldan artýandygy bellenildi.

Soňra Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň daşary ýurtly agzasy, Ispaniýa Patyşalygynyň Ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň prezidenti Blanka de Toledonyň sanly ulgam arkaly çykyşy diňlenildi.

Türkmen halkynyň döreden ahalteke tohumynyň dünýä atşynaslygynyň naýbaşysy bolup durýandygy nygtaldy. Ýewropaly atşynaslar behişdi bedewleriň gözellik bäsleşiklerini yzygiderli geçirýärler. Seçgiçilik we ahalteke bedewleriniň baş sanyny artdyrmak meselelerine, Ýewropa ýurtlarynda ahalteke bedewleriniň muşdaklarynyň sanynyň artmagyna ýardam berýän degişli işleriň geçirilmegine uly üns berilýär. Hanym Blanka de Toledonyň belleýşi ýaly, 2017-nji ýylda oňa «Türkmenistanyň at gazanan atşynasy» diýen hormatly adyň dakylmagy bu ugurda alyp barýan işinde jogapkärçiligini artdyrýar. Sözüniň ahyrynda Ispaniýanyň wekili döwlet Baştutanymyza we Türkmenistana iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Soňra sanly ulgam arkaly assosiasiýanyň daşary ýurtly agzasy, «Ahalteke inform» (Russiýa Federasiýasy) žurnalynyň baş redaktory Ýuliýa Kuznesowa çykyş etdi. ■ 2

# Nebitgaz pudagynda halkara hyzmatdaşlygy giňeldilýär

***26-27-nji aprelde Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherinde Türkmenistanyň nebitgaz pudagyna daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek boýunça halkara göçme forum geçirildi.***

Energetika ulgamyny mundan beýläk-de durnukly ösdürmek boýunça gyzyklanma bildirýän daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň ählisi bilen gatnaşyklary pugtalandyrmaga hem-de ýurdumyzyň ýangyç-energetika pudagyna daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmegiň mümkinçiliklerini giňeltmäge gönükdirilen bu forum diňe bir adaty görnüşde geçirilmän, eýsem, dünýäniň onlarça ýurdunda sanly wideoaragatnaşyk arkaly hem görkezilýär. Foruma ýurdumyzyň ýangyç-energetika ulgamynyň edaralarynyň, daşary ýurtlaryň meşhur nebitgaz işewürlik düzümleriniň, maliýe institutlarynyň, abraýly halkara guramalaryň, öňdebaryjy kompaniýalaryň ýolbaşçylarydyr wekilleri we bu ugurda ýöriteleşen bilermenler gatnaşýarlar.

Bu forum dünýäniň işewür toparlarynyň Türkmenistan bilen nebitgaz pudagynda hyzmatdaşlyga uly gyzyklanma bildirýändiginiň aýdyň subutnamasydyr. Olaryň ägirt uly energetika kuwwatyna eýe bolan we uglewodorod serişdeleriniň gory boýunça dünýäde öňdebaryjy orunlaryň birini eýeleýän ýurdumyz bilen gatnaşyklary ösdürmäge bolan gyzyklanmalary «Açyk gapylar», deňhukukly we özara bähbitli döwletara gatnaşyklar syýasaty hem-de türkmen tarapynyň ählumumy energetika howpsuzlygyny üpjün etmek babatdaky oňyn başlangyçlary bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Forumyň açylyş dabarasynda hormatly Prezidentimiziň oňa gatnaşyjylara iberen, çäräniň möhüm ähmiýetini beýan edýän Gutlagy uly üns bilen diňlenildi. Döwlet Baştutanymyz Gutlagynda tebigy gazyň eksport mümkinçiliklerini artdyrmak, olaryň ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak, gazy gaýtadan işlemek we gazhimiýa ulgamyna maýa goýumlary çekmegiň ileri tutulýan ugurlaryny ösdürmek, nebitgaz senagatynyň täze önümçiliklerini gurmak we olaryň daşky gurşawa täsirini azaltmak meseleleri barada netijeli pikir alyşmak we teklipleri öwrenmek üçin ajaýyp meýdança öwrüljekdigine ynam bildirdi.

Iri kompaniýalar we dünýäniň abraýly maliýe düzümleri bilen ýakyn aragatnaşyklaryň ýola goýulmagy ýurdumyzyň eksport mümkinçiliklerini artdyrdy, özbaşdak hem-de hyzmatdaşlar bilen bilelikde ägirt uly taslamalary amala aşyryp bilýän berkarar döwlet hökmünde amatly geosyýasy we ykdysady ýagdaýy eýeleýän Watanymyzyň ornuny pugtalandyrdy.

Göçme maýa goýum forumynyň çäklerinde geçirilýän iki günlük halkara maslahatyň gün tertibine baý tebigy serişdeleri netijeli peýdalanmak, energetika bazarlarynyň ösüşi, Hazar




deňziniň türkmen böleginiň deňiz toplumlaryny özleşdirmäge degişli taslamalara maýa goýumlary çekmek, «Galkynyş» gaz käninde öndürijiligi ýokarlandyrmak babatda özara hereketleriň täze gurallary, ekologiýa taýdan howpsuz önümçilikleri ornaşdyrmak, pudaga täze tehnologiýalary we nou-haulary çekmek ýaly möhüm meseleler girizildi. Ýurdumyzyň nebitgaz ulgamynyň hem-de daşary ýurt kompaniýalarynyň ýolbaşçylary, hünärmenleri hasabatlar bilen çykyş etdiler.

Ileri tutulýan wezipeleri çözmekde netijeli hyzmatdaşlygy ýola goýmagyň, döwletleriň arasynda dostlukly, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmagyň anyk guraly hökmünde Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesiniň eýeleýän orny aýratyn bellenildi. Daşary ýurt maýadarlary üçin Türkmenistanyň özüne çekijiliginiň artmagynyň esasy şertleriniň ýurtdaky ykdysadyýetiň we syýasatyň durnuklylygyndan, degişli kanunçylyk binýadynyň bolmagyndan ybaratdygy nygtaldy. Bu ýere ýygnananlar milli nebitgaz pudagynyň gazanan üstünlikleri, ony ösdürmek boýunça geljekki meýilnamalar bilen tanyşdyryldy.

Türkmenistanyň tebigy gazy toplumlaýyn gaýtadan işlemäge ähmiýet berip, energiýa serişdelerini iri iberiji hökmünde dünýäniň energetika bazarynda eýeleýän ornuny diňe bir berkitmän, harytlar düzüminiň energetika eksportyny diwersifikasiýalaşdyrmagyň, halkara energiýa işewürliginiň täze görnüşlerini işjeň ösdürmegiň hasabyna bu işe özüniň gatnaşmagynyň häsiýetini hil taýdan özgerdýändigi bellenildi. Nygtalyşy ýaly, ýurdumyz ykdysadyýetde, şol sanda ýangyç-energetika pudagynda hyzmatdaşlyk etmek üçin örän uly geljegi açýan kuwwatly serişdeler binýadyna eýedir. ■ 2

## ARKADAG ŞÄHERI – şähergurluşygyň belent nusgasy



Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly uly üstünliklere beslenýär. Arkadagly Serdarymyzyň pähim-paýhasa esaslanýan oýlanyşykly içeri we daşary syýasatynyň netijesinde Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzda amala aşyrylýan beýik işlere, ajaýyp özgertmelere, eziz Diýarymyzyň her gününi bezeýän ajaýyp wakalara halkymyz tüýs ýürekden guwanýar hem-de buýsanýar.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen merdana ata-babalarymyzyň şöhrata beslän mukaddes taryhy topragynda gurulýan Arkadag şäheri ýurdumyzyň senenama ýazgysyna täze ajaýyp sahypa bolup girýär. ■ 3

## Milli bilim ulgamy kämilleşdirilýär



**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bilim ulgamynyň işiniň döwrebaplaşdyrylmagyna, maddy-enjamlaýyn binýadynyň berkidilmegine, täze tehniki serişdeler, multimediýa enjamlar bilen yzygiderli üpjün edilmegine aýratyn ähmiýet berilýär.**

**«Ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly sagdyn nesli terbiýelemäge örän uly ähmiýet berýäris» diýip belleýän hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen ýurdumyzyň milli ylym-bilim ulgamy dünýä derejesinde kämilleşýär. Ata Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi halkymyzyň watançylyk, ynsanperwerlik, zähmetsöýerlik ýaly ajaýyp häsiýetlerini özünde jemleýän, ylymly-bilimli, täze tehnologiýalardan birkemsiz baş çykarýan ýaş nesle gönüden-göni baglydyr.** ■ 3

## SPORT ruhubelentligiň gözbaşy



Hormatly Prezidentimiz Garaşsyz döwletimizde köpçülikleýin sporty ösdürmäge we ýaşlar syýasatyna esasy orun degişlidir – diýip bellemek bilen, ýurdumyzda sportuň ösüşine uly üns gönükdirýär. Arkadagly Serdarymyzyň bu ugurda edýän taýsyz tagallalarynyň çäginde ilatymyzy bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaga çekmek, çagalar sportuny ösdürmek, ýaşlaryň arasynda sagdyn durmuş kadalaryny wagyz etmek boýunça degişli işler alnyp barylýar we olar oňyn netijesini berýär. Diýarymyz sportuň gülläp ösýän we täze belentliklere çykýan mekanyna öwrülýär. ■ 3

## ÝEWROPANYŇ iň gowy deňiz kenarlary

Deňiz kenarlary diňe suwa düşmek üçin däl, dürli tebigy gözelliklere syn etmek üçin hem köp barylýan ýerler hasaplanýar. Suwa düşmek üçin köp barylýan deňiz kenarlarynda tebigata zeper ýetip bilýär. ■ 4

## AT MÜNMEK: saglyk we ruhubelentlik

Atly türgenleşikler, atly gezelenç etmek barada söz açylanda, atyň muşdaklary onuň üýtgeşik bir özüne çekiji lezzetiniň bardygyny aýdýarlar. ■ 5

## Ykbalyny kino sungatyna BAGYŞLAN HALYPA

Biz filmlere tomaşa edenimizde diňe şol filmiň ideýasy, temasy, dramaturgiýasy, dartgynly wakalary ýa-da gülküli sahnalary, şonuň ýaly-da aktýorlaryň özlerine ynanylan keşpleri janlandyryşlary bilen gyzyklanýarys. ■ 6

## «CAFA NATIONS 2023» ýaryşynyň bijeleri çekildi

Futbol boýunça Merkezi Aziýanyň futbol assosiasiýasy tarapyndan (CAFA) «CAFA Nations 2023» ady bilen geçiriljek halkara ýaryşyň bijeleri çekildi. ■ 7

CAFA NATIONS CUP 2023

## Az bolsa-da peýdaly

Kembrij uniwersitetiniň alymlary az bolsa-da hereket etmegiň saglyk üçin peýdalydygyny ýüze çykardylar. Alymlar jemi 196 ylmy barlagy seljerip, günde 11 minut ýöremegiň käbir keselleriň öňüni almaga ýardam edýändigini anykladylar. Bu ylmy barlaglara jemi 30 milliondan gowrak meýletinçi gatnaşypdyr.



Bilermenleriň bellemeklerine görä, hepdede 75 minut hereket etmek ýürek bilen bagly keselleriň öňüni almaga ýardam edýär. Ylmy barlaga gatnaşan Soren Breýj käbir lukmanlaryň maslahat berşi ýaly hepdede 150 minut orta derejeli fiziki işjeňligi ýerine ýetirmek kyn düşýän bolsa, onda az hem bolsa, yzygiderli hereketiň peýdaly boljakdygyny belleýär. Şeýle hem lukmanlar hepdede 75 minutlyk hereketiň soňlugy bilen has köp maşk etmäge ýa-da sport bilen meşgullanmaga höwes döredip biljekdigine ünsi çekýärler.

**Öwlüýaguly MÄMMEDOW,**
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň uly mugallymy.*

## Günüň haýsy wagty maşk etmeli?

Tehnologiýanyň ösmegi netijesinde fiziki zähmet talap edýän işleriň köpüsi ýeňilleşdi. Bu bolsa adamlaryň has az hereket etmegine, netijede agramynyň artmagyna getirýär. Lukmanlar artykmaç agramy aýyrmak üçin günüň iň amatly wagt aralygyny kesgitlediler. Bilermenleriň bellemeklerine görä, horlanmak üçin



naharlanmagyň kadaly ýagdaýda bolmagynyň zerur bolşy ýaly, sport bilen meşgullanmaly wagt hem belli bir tertipde bolmaly. Ir bilen turup, maşk etmek köp adam üçin kyn hem bolsa, bilermenler munuň netijeli boljakdygyny belleýärler.

Karolinska institutynyň ylmy işgäri, biolog, professor Žuliýen Sýerat irdenki maşkyň metabolizmi çaltlandyrýandygyny we bedendäki ýagy ýakmak üçin agşamky maşkdan has täsirlidigini belleýär. Bilermenler kadaly agramy saklamak üçin hepdede iki ýarym sagat welosiped sürmek ýa-da batly ýöremek ýaly orta derejeli maşklary maslahat berýärler.

**Şatlyk MYRADOW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

## 6G tehnologiýasyna taýýarlyk görülýär

ABŞ-da 6G tehnologiýasynyň durmuşa geçirilmegi üçin işe girişildi. Ýurduň häkimiýetleriniň 6G torlaryny işläp taýýarlamak üçin bu ugurda iş alyp barýan edara-kärhanalaryň, tehnologiýa kompaniýalarynyň ýolbaşçylary we alymlar bilen maslahat edendigi mälim edildi. Metbugata berlen maglumatda 6G tehnologiýasy üçin işe girişilendigi, aragatnaşygyň täze nesliniň netijeliliginiň, elýeterliliginiň we howpsuzlygynyň üpjün edilmeginiň maksat edinilýändigi bellenildi.



Häzirki wagtda dünýäde 6G tehnologiýasyny işläp taýýarlamaga täzelikde girişilip, entek halk köpçüligine ýetirilmegi üçin birnäçe ýyl gerek bolar. Şeýle-de bolsa, häzirki wagtda dünýäde doly ýaýramadyk 5G aragatnaşygynyň has ýokary tizlikli maglumat geçirmäge mümkinçilik berjekdigi bellenilýär.

**Aýmyrat ÝAZDURDYÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## 35 göterim artar

Halkara Energetika agentliginiň ýerine ýetiriji direktory Fatih Birol 2030-njy ýylda elektroulaglaryň nebite bolan zerurlygy her gün azyndan 5 million barrel aradan aýyrjakdygyny mälim etdi. Maglumatlara görä, dünýäde elektroulag satuwynyň bu ýyl geçen ýyldaka garanyňda



35 göterim artyp, 14 milliona ýetilmegine garaşylýar. Ýylyň birinji çärýeginde dünýäde elektroulag satuwy 25 göterim artyp, 2,3 milliona ýetdi. Ýylyň ahyryna çenli dünýäde satylýan ähli ulaglaryň 18 göteriminiň elektroulaglar bolmagyna garaşylýar. Geçen ýyl elektroulag satuwy 2021-nji ýyldakydan 55 göterim köp bolup, 10 milliondan geçipdi. 2030-njy ýyla çenli ösen ýurtlarda satylýan ulaglaryň 60 göteriminiň elektroulag bolmagyna garaşylýar.

**Aýjeren AMANOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

# TÜRKMEN BEDEWINIŇ ŞANYNA TOÝ TUTULÝAR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ol Moskwanyň Timirýazew adyndaky Oba hojalyk akademiýasynyň atçylyk muzeýiniň işgäri bolmak bilen, talyplara we mekdep okuwçylaryna rus suratkeşleriniň çeken behişdi bedewleriniň suratlaryny aýratyn duýgular bilen görkezýändigini, atlaryň beden gurluşynyň gözelligi, hüý-häsiýetleri, sportda gazanan üstünlikleri, olaryň dünýä atçylygyndaky taryhy orny barada gürrüň berýändigini aýtdy. Şeýle hem ol «Ahalteke inform» žurnalynyň baş redaktory wezipesinde 20 ýylyň dowamynda bu täsin tohumy işjeň wagyz edip gelýär. RF-niň wekili 2018-nji ýylda «Türkmenistanyň at gazanan atşynasy» diýen hormatly adyň dakylmagynyň özünde uly buýsanç döredýändigini nygtady.

Mejlisiň dowamynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň agzalaryna – ýurdumyzyň atşynaslaryna we daşary ýurtly raýatlara Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli «Türkmenistanyň at gazanan atşynasy» diýen hormatly ady dakmak hakynda Permanlary okaldy. Soňra assosiasiýanyň bu hormatly ada mynasyp bolan daşary ýurtly agzalarynyň sanly ulgam arkaly çykyşlary diňlenildi.

Gazagystan Respublikasynyň «Ahal-Teke» atly ahalteke atçylyk hojalygynyň başlygy Ýakow Dik öz çykyşynda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýadawsyz aladalary netijesinde behişdi bedewleriň diňe bir myhmansöýer türkmen topragynda däl, eýsem, olaryň ösdürilip ýetişdirilýän beýleki ýurtlarynda hem dürli dabaralara gatnaşýandyklaryny nygtady.

Gazagystanyň wekiliniň belleýşi ýaly, beýleki kärdeşleri bilen bir hatarda, «Türkmenistanyň at gazanan atşynasy» diýen hormatly adyň dakylmagy onuň durmuşyndaky aýratyn pursatlaryň biri boldy we uly buýsanç duýgusyny döretdi.

Soňra kanadaly hususy atşynas Kerri Jo Stewartyň çykyşy diňlenildi. Ol özüne «Türkmenistanyň at gazanan atşynasy» diýen hormatly adyň dakylandygy üçin döwlet Baştutanymyza çuňňur hoşallygyny beýan edip, munuň ýatdan çykmajak waka bolandygyny belledi.







Hanym Kerri Jo Stewartyň belleýşi ýaly, ol häzirki wagtda ahalteke bedewlerini ösdürip ýetişdirmek we sungat eserleri hem-de fotosuratlar arkaly olary wagyz etmek bilen meşgullanýar. Şeýle hem Türkmen bedewiniň milli baýramyna bagyşlanyp geçirilýän çäreler barada gürrüň berýän birnäçe kitaplar neşir edildi. Kanadanyň wekili hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Türkmenistanda atçylyk pudagyny ösdürmek, onuň özboluşly däplerini gorap saklamak, gözellikde deňi-taýy bolmadyk ahalteke bedewleriniň dünýädäki abraýyny has-da belende galdyrmak boýunça uly işleriň amala aşyrylýandygyny belläp, döwlet Baştutanymyzy we ähli türkmenistanlylary bu ajaýyp baýram bilen tüýs ýürekden gutlady.

Öz gezeginde, «Türkmenistanyň at gazanan atşynasy» diýen hormatly ada mynasyp bolan türkmen atşynaslary hem tüýs ýürekden çykýan hoşallyk sözlerini beýan etdiler.

Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň müdiriýetiniň çözgüdine laýyklykda, onuň düzümine täze agzalar kabul edildi. Şunuň bilen baglylykda, assosiasiýanyň täze daşary ýurtly agzalarynyň sanly ulgam arkaly çykyşlary diňlenildi.

«Manas» gyrgyz-türk uniwersitetiniň rektory, doktor Alpaslan Jeýlan (Türkiýe Respublikasy) öz çykyşynda Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň agzalygyna kabul edilendigi baradaky hoş habary uly buýsanç bilen kabul edendigini nygtady.

Alpaslan Jeýlan Türkiýäniň milli at üstündäki oýunlar federasiýasyna ýolbaşçylyk eden döwründe Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli geçirilýän çärelere ençeme gezek gatnaşandygyny aýtdy. Häzirki wagtda ol ýokarda ady agzalan uniwersitetiň rektory bolmak bilen, bu ýokary okuw mekdebinde bilim alýan dürli ýurtlardan gelen talyplar bilen bilelikde, türki halklaryň milli at üstündäki oýunlarynyň dünýä ylmynda we edebiýatynda mynasyp orun almagy üçin, bu oýunlara mahsus däpleri gorap saklamak we öwrenmek boýunça iş alyp barýar.

Soňra Hytaý Halk Respublikasynyň Atçylyk assosiasiýasynyň baş sekretary Ýue Gaofengiň çykyşy diňlenildi. Ýue Gaofeng Hytaýyň Atçylyk assosiasiýasynyň ýolbaşçysy hökmünde birnäçe ýyllaryň dowamynda Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli geçirilýän çärelere gatnaşýandygyny belläp, hytaýly atşynaslaryň ahalteke bedewleriniň tohumyny gorap saklamak we olaryň baş sanyny artdyrmak, dünýädäki abraýyny has-da belende galdyrmak üçin ähli tagallalary etjekdiklerini nygtady. Eýýäm köp ýyllaryň dowamynda Hytaýda degişli düşündiriş-wagyz işleri alnyp barylýar.

Mejlisiň jemleri jemlenende, ahalteke atçylygyny ösdürmegiň möhüm ugurlaryna deglip geçilendigi, munuň bolsa netijeli hyzmatdaşlyk etmek we tejribe alyşmak üçin uly ähmiýete eýedigi bellenildi. Bu bolsa pudakda hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlyk etmek üçin oňyn mümkinçilikleri şertlendirýär, täze teklipleri, pikirleri işläp taýýarlamak üçin itergi berýär. Şeýle hem ýurdumyzyň we daşary ýurtly atşynaslaryň, beýleki ugurdaş hünärmenleriň netijeli gatnaşyklary ösdürmäge gyzyklanma bildirýändiklerine şaýatlyk edýär.

# Nebitgaz pudagynda halkara hyzmatdaşlygy giňeldilýär

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Dünýädäki iri «Galkynyş» gaz käni häzirki wagtda anyk taslamalar bilen baglylykda, uzak möhletleýin hyzmatdaşlyk etmekden ugur alnyp, hususan-da, Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan transmilli gaz geçirijisini tebigy gaz bilen üpjün etmek üçin özleşdirilýär.

TOPH gaz geçirijisiniň gurluşygy Türkmenistanyň energetika strategiýasyny durmuşa geçirmekde anyk çäreleriň hatarynda çykyş edýän hakyky maýa goýum taslamasydyr. Bu taslama möhüm durmuş meselelerini çözmek bilen bir hatarda, sebitiň ýurtlarynyň arasynda netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin giň ýol açyp, ýurtlaryň ykdysady kuwwatyny artdyryp, parahatçylygyň hem-de durnukly ösüşiň pugtalandyrylmagyna ýardam bermäge gönükdirilendir.

Milli gazhimiýa we nebiti gaýtadan işleýän pudaklaryň geljekki ösüş meýilnamalary ekologiýa degişli ugurlar bilen ysnyşykly baglanyşyklydyr. Ata Watanymyzda tebigy serişdeler özleşdirilende





rejeli ulanylýar, daşky gurşawy goramak barada yzygiderli alada edilýär, sebitiň we dünýäniň energetika howpsuzlygy baradaky meseleler boýunça möhüm halkara başlangyçlary durmuşa geçirilýär. Ekologiýa kadalaryň berjaý edilmegine aýratyn ähmiýet berilýän senagat desgalarynyň ulanmaga berilmegi munuň aýdyň subutnamasydyr. Türkmenistan energiýa serişdelerini çykarmakda ekologiýa töwekgelçilikleri azaltmaga, önümçilik tapgyrlaryna netijeli gorag tehnologiýalaryny ornaşdyrmaga, häzirki zaman dolandyryş çözgütlerini ulanmak üçin halkara düzümler bilen hyzmatdaşlygy has-da giňeltmäge we işjeňleşdirmäge taýýardyr. Häzirki wagtda ýurdumyzda şeýle işler oňat netijelerini berýär.

Häzir uglewodorod serişdelerini almagyň usullary iň ýokary ekologiýa ölçeglerine laýyk gelýär. Bu babatda döwletimiz degişli kadalaşdyryjy hukuk binýadyny döretdi. Bu bolsa dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan doly goldawa eýe bolup, energiýa serişdeleriniň öndürilmegi bilen birlikde, olaryň üstaşyr iberilmegi hem-de ulanylmagy ýaly ulgamlary gurşap alýan ählumumy energetika howpsuzlygyny üpjün etmek ulgamynda BMG-niň kabul eden Kararnamalary bilen berkidildi.

Hazar deňziniň türkmen böleginiň deňiz toplumlaryny işlemäge maýa goýumlary çekmek meselelerine aýratyn üns berildi. Dünýäniň dürli ugurdaş kompaniýalary tanyşdyrylyşlar bilen çykyş etdiler, toplan tejribelerini paýlaşdylar we täze ylmy işläp taýýarlamalary, şol sanda gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri babatda täzeçil taslamalaryny görkezdiler.

Foruma gatnaşyjylar geçirilen maslahatlaşmalaryň netijeli bolandygyny belläp, şeýle çäreleri geçirmek işini dowam etdirmelidigini aýtmak bilen, şu duşuşygyň energetika ulgamynda gatnaşyklary has-da giňeltmekde möhüm orun eýelejekdigine ynam bildirdiler.

## Aýda üç ölçegli usulda gurluşyk ediler

Hytaýly bilermenler Aýda üç ölçegli bina gurmagy öwrenýärler. Ýurduň Milli kosmos edarasynyň bilermeni Wu Weýren «Chang'e-8» gözleg kosmos hemrasy arkaly Aýyň gurluşyny we mineral birleşmelerini öwrenip, ol ýerde üç ölçegli çap ediş usulyny peýdalanyp boljakdygyny ýa-da bolmajakdygyny öwrenjekdiklerini aýdýar. Wu Weýren Aýa uzak wagtlyk ýerleşiljek bolsa, şol ýerdäki materiallardan peýdalanylmalydygyna ünsi çekýär.



Hytaý geçen ýyldan başlap, Ýeriň orbitasynda özbaşdak emeli hemrasyny gurup, işe girizdi. Ýurt kosmos maksatnamasynyň çäklerinde Aýa hem ähmiýet berýär. Hytaý 2019-njy ýylda ýörite gapyrjagyň içinde Aýa gowaça tohumyny iberdi. Aýyň bize görünmeýän garaňky tarapyna iberilen pagta çigidiniň şineländigi habar berlipdir.

Ýurduň Tunszi, Sian Szýaotun we beýleki uniwersitetleriniň Aýda üç ölçegli çap ediş tehnologiýasynyň iş ýüzünde nädip durmuşa geçirilmelidigi barada iş alyp barýandyklary mälim edildi.

**Rejepmuhammet NURMUHAMMEDOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

## Özbaşdak töleg hyzmatyny döreder

Ýewropanyň 16 maliýe edarasy geljek ýyldan başlap, täze töleg ulgamyny işe girizmegi meýilleşdirýär. Ýewropa töleg inisiýatiwasynyň (EPI) ýaýradan beýanatynda Ýewropada banklaryň öz töleg hyzmatlaryny ýola goýmak üçin durmuşa geçirýän başlangyçlaryna goldaw berilýändigi bellenildi.



Beýanatda Niderlandlaryň «ABN Amro» hem-de «Rabobank» maliýe edaralarynyň bu başlangyja gatnaşýandygy bellenilip, töleg hyzmatlarynyň ýylyň ahyryna çenli Fransiýada we Germaniýada synag maksady bilen ýola goýuljakdygy mälim edildi. 2024-nji ýyldan başlap bolsa beýleki ýurtlarda hem bu töleg ulgamy işe giriziler.

EPI-niň paýdarlarynyň arasynda BFCM, «BNP Paribas», BPCE, «Credit Agricole», «Deutsche Bank», DSGV, ING, KBC, «La Banque Postale», «Nexi», «Societe Generale» we «Worldline» ýaly maliýe edaralary bar.

Täze töleg ulgamynyň Ýewropada giňden ýaýran «Visa» we «Mastercard» töleg ulgamlaryna bäsdeş boljakdygy aýdylýar.

**Nurýagdy AÝNAZAROW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy.*

## Täze merjen rifi tapyldy

Ylmy-barlag topary Ekwadoryň Galapagos adalarynyň golaýynda baý ekoulgamy bolan, mundan ozal bilim dünýäsine mälim bolmadyk merjen rifiniň üstünden bardylar. Ekwadorda 1998-nji ýylda deňiz çägi gorag astyna alnypdyr. Şondan bäri dürli ylmy işler geçirilen hem bolsa, häzire çenli şeýle açyş edilmändir. Ýurduň Daşky gurşaw ministrliginiň wekilleri täze tapylan ekoulgamyň suwuň 400-600 metr çuňlugynda, adalaryň orta böleginde, mundan ozal kartasy taýýarlanmadyk suwasty dagyň depesindedigini mälim etdiler. Ministrligiň wekilleri täze tapylan rifiň suwuň goralýan çäginde merjenleriň asyrlaryň dowamynda ýaşaýandygynyň hem-de baý, köpdürli we deňiz jandarlarynyň ýaşamagyna goşant goşýandygynyň alamatydygyny aýdýarlar.



**Ogulşeker BEGHANOWA,**
*Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Çoganly şäherçe kitaphana şahamçasynyň kitaphanaçysy.*

## Tehnologiýa kompaniýalarynyň girdejileri köpeldi

«Microsoft» we «Alphabet» kompaniýalary ýylyň birinji çärýegine degişli girdejileri barada maglumat berdi. Programma üpjünçiligi bilen meşgullanýan «Microsoft» kompaniýasynyň girdejisi degişli döwürde 7 göterim artyp, 52,9 milliard dollara ýetipdir. Kompaniýanyň geçen ýylyň degişli döwründäki girdejisi 49,4 milliard bolupdyr.




Kompaniýanyň arassa peýdasy hem degişli döwürde 9 göterim artyp, 18,3 milliard dollara ýetipdir. Geçen ýylyň birinji çärýeginde bu görkeziji 16,7 milliard dollar bolupdyr. Tehnologiýa ägirdiniň her paýnamadan alan peýdasy 2,22 dollardan 2,45 dollara ýetipdir.

«Google»-a eýeçilik edýän «Alphabet»-iň üç aýlyk girdejisi geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 3 göterim artyp, 69,8 milliard dollara ýetipdir. Geçen ýylyň birinji çärýeginde kompaniýanyň girdejisi 68 milliard dollar bolupdyr.

**Angelina ÇERNYŞOWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Taryhy öwrenmäge ýardam eder

Alymlar Ýukatan ýarym adasynyň golaýynda Meksikanyň kenarlaryndan birnäçe kilometr uzaklykda «mawy köwek» tapdylar. Täze açyş az kislorodly suwda jandarlaryň nähili ýaşaýandygyny we irki döwürlerde bu ýerde nähili jandarlaryň bolandygyny öwrenmäge mümkinçilik berer. Dünýäniň iň çuň «mawy köwegi» Günorta hytaý deňzindäki Aždarha köwegi hasaplanyp, onuň çuňlugy 300 metrden geçýär. Meksikadaky köwege bolsa maýa dilinde «çuň suw» diýmegi aňladýan «Taam ja» diýlip at goýuldy. «Frontiers In Marine» atly žurnalda neşir edilen makalanyň awtorlary «Taam ja»-nyň çuňlugynyň 275 metre barabardygyny belleýärler. Alymlar «gök köwekleriň» içinde irki döwürlerde emele gelen gowaklaryň hem bardygyny aýdýarlar. Dik çukur bolan bu çöketlikleriň içinde agaç bölekleriniň we ýapraklaryň emele getiren bakteriýalarynyň bardygy hem-de Gün şöhlesiniň düşmeýändigi sebäpli gøýy reňkli bolup görünýär.



**Mähri GELDIÝEWA,**
*Türkmen döwlet medeniýet institutynyň mugallymy.*

## Kadaly uky üçin näme etmeli?

Ýeterlik derejede dynç alynmasa, bu gündelik işimize gönüden-göni täsir edýär. Dynç almak üçin bolsa wagtly-wagtynda ýeterlik derejede uklamak zerurdyr. Kadaly uky diňe fiziki däl, eýsem, ruhy saglygymyza hem täsirini ýetirýär. Eýsem, kadaly uklamak üçin näme etmeli?



Häzire çenli geçirilen barlaglaryň netijesinde her bir adamyň her gün ortaça 7 sagat uklamagynyň zerurdygy ýüze çykaryldy. Kadasyz uky dürli nähoşluklara getirip bilýär. Rahat uklamak üçin belli gün tertibine görä hereket edilmelidigi bellenilýär. Gündelik edilmeli işler, ýatylýan we turulýan wagt belli bolanda, beden şoňa çalt uýgunlaşýar. Lukmanlar bedeniň tertip-düzgüni halaýandygyna ünsi çekýärler.

Kadaly uky üçin gerekli şertleriň hem döredilmegi zerurdyr. Ýatylýan otagyň garaňky, perdesi ýapyk, sessiz we kadaly temperaturada bolmagy zerurdyr.

**Magsat BEKEŞOW,**
*Onkologiýa ylmy-kliniki merkeziniň bölüm müdiri.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Aprel aýynyň 28-i, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-111529
Belgisi: 17/1531
Tiražy: 6504
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
elektron poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# TÜRKMENISTAN – behişdi bedewleriň ýurdy

*Her bir halkyň ýüzi, onuň dünýä medeniýetine goşan goşandy, maddy we ruhy gymmatlyklary bilen kesgitlenýär. Türkmen halky hem asyrlaryň dowamynda umumadamzat bähbitli, naýbaşy gymmatlyklary döredip bilen halk. Şol gymmatlyklaryň biri-de türkmeniň uçar ganaty, toýly günde göwünhoşy, ýowly günde baş ýoldaşy, halk zehininiň mähekdaşy, gözelligiň göwher gaşy bolan ahalteke bedewlerimizdir.*

Gahryman Arkadagymyzyň «Atda wepa-da bar, sapa-da» atly kitabynda nesil terbiýesinde ganatly bedewlerimiziň hem ýakyn arabaglanyşygynyň bardygyny belläp geçýär. Ata-babalarymyz dünýä medeniýetiniň genji-hazynasy bolan ajaýyp bedewlerimizi oňat seýisläp, köpeldip we arassa ganlylygyny saklap, nesillerimize galdyrypdyr. Şonuň üçinem Türkmenistan behişdi bedewleriň ýurdy hökmünde ir döwürlerden bäri dünýä belli bolan ýurtdur.

Ýurdumyzda her ýylyň aprel aýynda Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli çäreler hem-de behişdi bedewleriň halkara gözellik bäsleşigi giň gerimde geçirilýär. Şu günler türkmen halkynyň milli baýlygy we buýsanjy bolan behişdi bedewlerimiziň dünýädäki şan-şöhratyny has-da belende galdyrmak maksady bilen, dürli çäreler geçirilýär. Ahalteke atlarynyň halkara gözellik bäsleşigi hem-de olaryň gözelligini şekillendiriş we amaly-haşam sungaty eserlerinde, neşir önümlerinde, fotosuratlarda, teleýaýlymlarda çeper beýan etmek ugrunda suratkeşleriň, heýkeltaraşlaryň, halyçylaryň, zergärleriň, fotosuratçylaryň, neşirýat işgärleriniň, dizaýnerleriň, teleoperatorlaryň arasynda bäsleşikleri geçirmek ýaly işler alnyp barylýar.

Türkmen bedewleriniň owadanlykda, çalasynlykda, duýgurlykda, ukyp-başarnyklarynda deňi-taýy bolmandyr. Türkmen bedewleriniň dünýä meşhur ajaýyp-



lyklarynyň birine öwrülmeginde türkmen seýisleriniň orny örän uludyr. «Mal eýesiniň gözünden suw içer» diýlişi ýaly, merdi-merdanalygy, gaýduwsyzlygy, üşükliligi bilen eýesine meňzeýän bedewleri ýetişdirmek üçin seýisler ýadawsyz zähmeti, irginsiz aladalary, ýiti zehini siňdiripdirler.

Türkmen halky gamyşgulak bedewler hakynda köp sanly nakyllar döreden halkdyr. «At agynan ýerde toý bolar», «At almankaň eýer al», «At gylygyna eýesi ýetik», «Atda gaýrat bolsa, özge syn bolmaz», «Aty baryň ganaty bar», «Ogly eklän tanar, aty saklan», «At – myrat», «Bedew – jul içinde, göwher – kül içinde», «Ýüwrük at öňüni gözlär, ýagşy ýigit – soňuny» diýen ýaly köp sanly nakyllary mysal getirmek bolar.

Gahryman Arkadagymyzyň bedewlerimize bolan buýsanjy, ajaýyp çapyksuwarlygy, at üstündäki tilsimlere ussatlyk bilen erk edişi her bir adamyň kalbynyň töründen orun aldy. Gahryman Arkadagymyz bedew atlarymyz barada şeýle belleýär: «Uly baýramlaryň, tomaşaly toýlaryň, mähelleli aýlawlaryň bezegi bolan, ýöränđe seýkin basyp, çapanda ýerläp uçýan, üsti şemally bedewlerimiz türkmeniň köňül ganatydyr, milli buýsanjymyzdyr. Buýsançly başlaryny belent tutup, ynsanyň wepadar dosty, aýrylmaz ýoldaşy hem-de ýakyn syrdaşy bolan meşhur bedewlerimiziň gelip çykyşy biziň eýýamymyzdan ozalky müňýyllyklaryň jümmüşine uzap gidýär».

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda beýik ösüşleri nazarlaýan döwrümizde ahalteke bedewlerimiziň şan-şöhraty has-da belent derejelere göterildi. Ajaýyp döwrümiziň bezegine öwrülen behişdi bedewlerimiz baradaky aladany dünýä derejesine çykaran, türkmen halkynyň ykbalyny galkyndyryp, bagtyýarlyk döwrüniň bagtyna guwanyp, eşretli durmuşda ýaşaýan halkymyza döwletli-döwrany peşgeş beren Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak, belent başy aman bolsun, il-ýurt bähbitli alyp barýan döwletli işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Arslan MUHAMMETDURDYÝEW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

# ARKADAG ŞÄHERI – şähergurluşygyň belent nusgasy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy hem-de şäher gurluşygy we binagärlik sungaty babatdaky ýiti zehini bilen gurluşygynyň birinji tapgyry tamamlanýan Arkadag şäheri häzirki zaman talaplaryna laýyk enjamlaşdyrylan bilim, saglygy goraýyş, medeniýet edaralary we beýleki binalary öz içine alýar. Täze şäheriň gurluşygynda häzirki zaman usullarynyň hem-de iň täze tehnologiýalaryň ulanylmagy «akylly» şäher konsepsiýasynyň durmuşa geçirilmegine, ilatyň döredijilikli zähmet çekmegi, oňaýly dynç almagy hem-de abadan durmuşy üçin zerur şertleriň döredilmegine gönükdirilendir.





Golaýda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde bellenilişi ýaly, Gahryman Arkadagymyz: «Akylly» şäheriň innowasion taslamasy dünýäniň we milli binagärligiň, bezegiň, tehnologik üpjünçiligiň iň gowy nusgasyny özünde jemleýär. Arkadag şäherini türkmen gurluşykçylary gurdy» diýip belledi.

Ýakynda Arkadag şäheriniň hukuk ýagdaýyny, şonuň ýaly-da wezipelerini amala aşyrmagy bilen baglylykda döwlet häkimiýet edaralarynyň işiniň hukuk, guramaçylyk we beýleki esaslaryny kesgitleýän «Arkadag şäheri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Şol kanunda Arkadag şäheriniň hukuk ýagdaýy Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanyň üstünliklerini görkezýän dolandyryş-çäk birligi hökmünde, şonuň ýaly-da türkmen halkynyň köpasyrlyk taryhy tejribesiniň we döwlet gurluşynda halkara tejribesiniň häzirki zaman meýilleriniň esasynda ýurdy ösdürmegiň uzak möhletleýin geljeginiň aýratyn ähmiýetine laýyklykda bellenilýär.

Bu kanunçylyk namasy ýurdumyzda ilkinji gezek döwlet ähmiýetli şäher derejesine eýe bolan Arkadag şäheriniň peýda bolmagyna giň mümkinçilikler döretdi. Arkadag şäheri häzirki zaman şähergurluşyk ýörelgelerine doly gabat gelýär. Dünýäde häzirki döwürde täzeçil tehnologiýaly şäherleriň gurulmagyna uly ähmiýet berilýär. Ol hem «ýaşyl» ykdysadyýete we tehnologiýa esaslanýan şäherlerdir. Ine, Arkadag şäherinde hem şeýle aýratynlyklaryň ählisi göz öňünde tutulan.

Arkadag şäherinde elektrobuslaryň we elektromobil taksileriň işi ýola goýlar. Şunda bu ulgamlaryň sazlaşykly hereketini üpjün etmek maksady bilen, hereket sazlaýjy yşyklaryň, awtoduralgalaryň işine sanly ulgam ornaşdyrylar. Munuň özi sazlaşykly hereketi hem-de şäher ilaty we onuň myhmanlary üçin ýokary derejeli hyzmatlaryň elýeterli bolmagyny üpjün eder.

Häzirki wagtda Arkadag şäheri, hakykatdan-da, tutuş Merkezi Aziýada we sebitde ilkinji bina edilen «akylly» şäherdir. Çünki onda «akylly» şäherlere mahsus bolan howpsuzlyk, «ýaşyl» şäher, «akylly» ulag ulgamy, «akylly» gaz, suw we elektrik ulgamlary hem-de «akylly» şäher hyzmatlary göz öňünde tutulandyr.

**Kuwwat DURDYÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Beýik akyldaryň öçmejek mirasy

*Häzirki döwürde beýik akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň döredijiligine, edebi-mirasyna uly sarpa goýulýar. Hormatly Prezidentimiziň Türkmenistanyň Mejlisiniň ýedinji çagyrylyşynyň birinji maslahatyndaky taryhy çykyşynda ýurdumyzda Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny dabaraly bellemek, onuň baý, gymmatly edebi mirasyny şöhratlandyrmak, bu şanly senäni dabaralandyrmak maksady bilen, «Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medalyny döretmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny işläp taýýarlamak we kabul etmek barada aýtmagy bolsa, bu hakykatyň nobatdaky dabaralanmasyna öwrüldi.*

Köňülleriň we döwürleriň şahyry, adamzadyň iň gözel, tämiz duýgularynyň waspçysy saýylýan Magtymguly Pyragynyň mirasy özbolușly terbiýe mekdebidir. Türkmen we dünýä edebiýatynyň baý hazynasyna uly goşant goşan beýik akyldar şahyrymyzyň ajaýyp şygyrlary, öňe süren taglymatlary, öwüt-ündewleri watansöýüjilige ýugrulandyr. Şoňa görä-de, bu gün dana şahyryň mirasyny öwrenmek, dünýä ýaýmak babatynda edilýän tagallalar her birimizi begendirýär.

Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedow «Ynsan kalbynyň öçmejek nury» atly kitabynda: «Ajaýyp şygyrlary bilen ynsan kalbyny ýagşylyk nuruna bezän türkmeniň akyldar ogly Magtymguly Pyragynyň mertebesi türkmen halky üçin iň belentde goýulýan mukaddeslikleriň biridir» diýip belleýär. Hakykatdan hem üstünden ençeme wagt geçendigine garamazdan, Magtymgulynyň beýan eden beýik taglymlary, onuň Watanyna bolan çäksiz buýsanjy tutuş adamzada ýakyndyr we düşnüklidir. Çünki beýik zehin üçin serhet ýokdur, ol döwre we aradaşlyga garamazdan, ynsan kalbyna täsir etmäge ukyplydyr. Beýik şahyry tapawutlandyrýan esasy aýratynlyk hem onuň türkmen sähralaryndan we daglaryndan hem-de düzlüklerinden, hoşgylaw adamlaryndan, ynsanperwer ýörelgelerinden, mert, gaýduwsyz ýigitlerinden ylham alan we durmuş gözelliklerini bütin durky bilen kabul eden beýik akyldardygydyr. Şahyryň döredijiliginde ahlak gözellikleri, durmuş pelsepesi bilen bir hatarda, watansöýüjiligiň özenini emele getirýän merdi-merdanalyk, gahrymançylyk beýan edilýär. Başgaça aýdanymyzda, akyldar şahyryň hut özi hem dowamly il-halkynyň aladasy bilen ýaşan mert şahsyýetdir.

Magtymguly Pyragy diňe bir öz ýaşan döwrüni däl, eýsem, uzak geljegi nazarlap, şygyr döreden beýik şahsyýetdir. Onuň mertlik taglymaty bu günki günde hem her bir Watan goragçysynyň aňynda hemişelik ornaşan täsirli ylham çeşmesidir. Pyragynyň eserlerinde harby terbiýe bedew ata bolan söýgüde, ýarag-esbabyň üpjünliginde, mert ýigitleriň jomartlygynda hem-de maşgala mukaddesliginde, wepalylykda beýan edilýär.

Ýadyňyzda bolsa, 2014-nji ýyl Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen «Magtymguly Pyragy ýyly» diýlip atlandyrylypdy we şol ýylda akyldar şahyryň doglan gününiň 290 ýyllygy uly dabaralar bilen bellenip geçilipdi. Geçirilen dabaralar, maslahatlardyr köp sanly çäreler, şeýle-de türkmen nusgawy şahyrynyň eserleriniň köp dillere terjime edilmegi diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem, dünýä ýüzünde beýik söz ussadyna we onuň mirasyna gyzyklanmany artdyrdy. Akyldar şahyryň dogduk mekanynda şahyryň medeni ýadygärlikler toplumynyň hem-de muzeýiniň açylmagy bolsa halkymyzyň öz şahyryna goýýan hormatyndan nyşandyr.

Ak mermerli paýtagtymyzyň gözel künjeginde Magtymguly Pyragynyň ýadygärligini öz içine alýan medeni-seýilgäh toplumynyň gurulmagy, beýik akyldar şahyrymyzyň doglan gününiň 300 ýyllyk senesini ÝUNESKO-nyň derejesinde bellenýän şanly seneleriň sanawyna goşmak ugrunda tagalla edilmegi aýratyn begendirýän ýagdaýlardyr. Magtymguly Pyragynyň döredijiligine bimöçber sarpa goýýan Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Serdarymyza ulus-ilimiziň hoşallygy çäksizdir.

**Jemal REJEPOWA,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyby.*

# Milli bilim ulgamy kämilleşdirilýär

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýokary okuw mekdeplerinde hem döwrebap bilim ulgamy ýola goýuldy. Şunuň bilen baglylykda, bilim bermegiň täzeçil usullarynyň ornaşdyrylmagy bilen dil bilimine hem aýratyn ähmiýet berilýär. Bu ugurda daşary ýurt dillerini öwretmek ugrunda giň tagallalar edilip, olar babatda dürli bäsleşiklerdir halkara olimpiadalar guralyp, talyplaryň halkara tejribesi artdyrylýar. Ýaňy-ýakynda biziň ýokary okuw mekdebimiziň bilelikde guramagynda ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda iňlis dilinden onlaýn görnüşde II Halkara internet olimpiadasy geçirilip, oňa Germaniýanyň, Ýaponiýanyň, Russiýanyň, Azerbaýjanyň, Gazagystanyň, Özbegistanyň, Bangladeşiň, Hindistanyň, Pakistanyň, Türkiýäniň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň, Hytaýyň, Koreýa Respublikasynyň, Belarusuň, Wengriýanyň, Demirgazyk Kipriň, Nepalyň, Şri-Lankanyň, Fransiýanyň, Awstriýanyň, Salwadoryň, ABŞ-nyň, Sierra-Leoneniň, Argentinanyň, Moldowanyň, Wenesuelanyň, Meksikanyň, Awstraliýanyň, Indoneziýanyň, Italiýanyň, Tailandyň, Angliýanyň we Rumyniýanyň ýokary okuw mekdepleriniň 35-sinden 156 müňden gowrak talyp gatnaşdy. Bäsleşige ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň 24-sinden jemi 520 talyp gatnaşdy.





Olimpiada talyplar üçin bilimini, başarnygyny we zehinini görkezmek, dostlukly gatnaşyklary berkitmek hem-de ösdürmek, Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň arasynda ylym hem bilim pudagynda özara gatnaşyklary üstünlikli ösdürmek üçin ajaýyp mümkinçilik boldy.

Olimpiadanyň geçirilmeginiň maksady «Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyny» hem-de «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyny» durmuşa ornaşdyrmagyň meýilnamalaryny amala aşyrmakdan ybaratdyr.

Umuman, ýurdumyzda dil bilimine hem uly üns berlip, daşary ýurt dillerini çuňlaşdyryp öwretmek maksady bilen alnyp barylýan köp sanly işler bu günki gün özüniň ajaýyp miwesini berýär. Arkadagly Serdarymyzyň badalga bermeginde ýurdumyzda ençeme dil merkezleri, daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen orta mekdepler hereket edýär, ýokary okuw jaýlarynda hem dilçi hünärmenler taýýarlanylýar. Bu bolsa döwrebap bilimlerden habarly bolan hünärmenleriň täze nesliniň kemala gelmegi bilen birlikde, berkarar Watanymyzyň halkara abraýynyň belent derejelere çykmagynda, halkara hyzmatdaşlygynyň mundan beýläk hem pugtalanmagynda möhüm ähmiýete eýedir.

**Kakamyrat SOLTANOW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

# BEDEN maşklarynyň ähmiýeti

*Ýurdumyzda alnyp barylýan toplumlaýyn we uzak möhletleýin, raýatlaryň ömür dowamlylygyna oňyn täsir edýän saglygy goraýyş syýasatyny dünýä döwletlerine giňden ýaýmak hem-de ýokanç däl keselleriň öňüni almaga we olaryň garşysyna göreşmäge gönükdirilen çäreler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Häzirki zaman saglygy goraýşyň strategiýasy adamlaryň arasynda öňüni alyş çärelerini geçirmäge, näsaglary öz wagtynda ýüze çykarmaga we ýokary hilli saglygy goraýyş kömegini bermäge ugrukdyrylandyr.*

Keselleriň öňüni almak boýunça amala aşyrylýan işler ilatyň saglygyny goramakda esasy ugur bolup, olar döwlet tarapyndan amala aşyrylýan, adamlaryň saglyk ýagdaýynyň gowy bolmagyny, olaryň uzak ýyllap döredijilikli işlemegini üpjün edýän, ilatyň durmuş we dynç alyş şertleriniň döredilmegi, sagdyn durmuş ýörelgesiniň ornaşdyrylmagy ýokanç we ýokanç däl keselleriň öňüni almakda uly ähmiýete eýedir. Zyýanly endiklerden daşda durmak, bedeniň işjeňligini ýokarlandyrmak, fiziki saglygyň gözbaşynda duran psihiki saglygy pugtalandyrmak, dogry iýmitlenmek sagdyn durmuş ýörelgesiniň esasy sütünleri bolup durýar.

Ýokanç däl keselleriň howply faktorlarynyň hataryna pes fiziki işjeňlik hem girýär. Semizligiň döremegine beden işjeňliginiň ýeterlik däldigi esasy orny eýeleýär. Häzirki döwürde semizlik dünýäde ýokary tizlik bilen ýaýraýar we dünýä jemgyýetçiliginiň üns merkezinde durýar. Semizligiň diňe ýaýraýşynyň tizligi artman, eýsem, ýyl-ýyldan ýaş adamlarda köp duş gelip başlandygy bellenilýär. Semizligiň ýüze çykmagyna bedende energiýa deňagramlylygynyň yzygiderli bozulmagy sebäp bolýar. Iýmit bilen alynýan energiýa, sarp edilýän energiýadan agdyklyk edýär. Netijede, adam bedeninde artykmaç ýaglar toplanýar.



Semizligiň döremegine, esasan, alimentar (iýmit arkaly gelýän) ýol sebäp bolup, iýmitde uglewodlaryň we ýagyň köp möçberde bolup, iýmitiň kaloriýalylygynyň çendenaşa ýokary bolmagyna getirýän sebäplere esaslandyrylýar. Elbetde, bedende ýaşaýyş üçin derwaýys hyzmatlary ýerine ýetirýän ýag zerur kuwwat çeşmesi hökmünde gerekdir. Emma bedende artykmaç ýagyň toplanmagy semizlige getirip, saglyga zeper ýetirýär. Bedende maddalaryň alyş-çalşygy bozulýar. Süýjüli diabet, arterial gan basyşynyň ýokarlanmagy, ýürek-damar ulgamynyň keselleri, öt haltada daş döreme, damarlaryň warikoz giňelmesi ýaly keselleriň köpüsi semizlik bilen baglanyşyklydyr.

Biziň iýýän iýmitimiz bedenimizi ýaşamagymyz üçin hökmany bolan energiýa bilen üpjün edýär we ony fiziki işjeňlik ýoly bilen ulanýarys. Eger ulanýan energiýaňyzdan köp energiýa kabul edýän bolsaňyz, onda siziň agramyňyz artyp ugraýar. Ruhdan düşmän, arassa, açyk howada gezmelemeli, bedenterbiýe maşklary we sport bilen meşgullanmaly, köpräk hereketde bolmaly. Hereketleriň ýöremek, çäklenen ylgaw, suwda ýüzmek, trenažýorlardaky maşklar we şuňa meňzeş görnüşleri semizlikden ejir çekýänlere has gowy kömek berýär. Beden maşklaryny her bir adamyň ýaşyna, bedeniniň aýratynlyklaryna laýyklykda diňe lukman belläp biler.

**Aýna SÄHETNYÝAZOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň kliniki farmakologiýa we endokrinologiýa okuwly gospital terapiýa kafedrasynyň öwreniji-mugallymy.*

# SPORT ruhubelentligiň gözbaşy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Häzirki wagtda ýurdumyzyň sebitlerinde we merjen şäherimiz Aşgabatda döwrebap sport mekdepleri, sport toplumlarydyr meýdançalary, köpugurly stadionlar hereket edýär. Ildeşlerimiz şol sport desgalaryna gatnap, yzygiderli türgenleşik geçmek bilen sportda taplanýarlar. Türgenlerimiziň milli derejedäki we halkara sport ýaryşlarynda gazanýan üstünlikleri hem munuň buýsançly subutnamasydyr.

Milli sport ulgamynda, ähli ugurlarda bolşy ýaly, erkekler we zenanlar üçin deň şertler üpjün edilýär. Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda halkara ýaryşlarda baýrakly orunlary eýeläp, Watanymyzyň sport abraýyny artdyran türgenlerimiziň hatarynda köp sanly gyzlaryň bolmagy hem aýdylanlary aýdyňlygy bilen tassyklaýar.





Ýakynda geçirilen Türkmenistanyň futbol federasiýasynyň nobatdan daşary maslahatynda «Arkadag» futbol kluby TFF-niň agzalygyna kabul edildi we täze döredilen «Arkadag» futbol klubuny ýurdumyzyň futbol çempionatyna hem-de Kubogy ugrundaky bäsleşige goşmak barada karara gelindi.

Döwlet ähmiýetli Arkadag şäheri bilen adybir «Arkadag» futbol topary milli çempionat başlamazdan ozal Türkmenistanyň milli ýygyndysyndan alnan tejribeli oýunçylaryň esasynda döredildi. Onuň düzümine ýurdumyzyň alty futbol toparynyň 27 oýunçysy girizildi.

Türkmenistanyň milli ýygyndysynyň meşhur oýunçysy 42 ýaşly Guwançmuhammet Öwekowyň ýolbaşçylygyndaky «Arkadag» futbol topary ilkinji resmi duşuşygy Türkmenistanyň Ýokary ligasynda geçirilen Türkmenistanyň Kubogy ugrundaky oýunda üstünlikli geçirdi.

Ata Watanymyzda ýaşlaryň abadan, asuda durmuşyň hözirini görüp ýaşamagy, döwrebap bilim-terbiýe almagy, sport bilen meşgullanmagy, halal zähmet çekmegi üçin giň mümkinçilikler döredildi. Şeýle ajaýyp mümkinçiliklerden ýerlikli we netijeli peýdalanmak, ýurdumyzyň ösüşlerine mynasyp goşant goşmak her birimiz üçin çäksiz bagtdyr. Şeýle mümkinçilikleri döredip beren Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Serdarymyza alkyşymyz çäksizdir.

**Söhbet GURBANALYÝEW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň fakultet terapiýasy kafedrasynyň assistenti.*

# DEMIRGAZYK DEŇZINDE «ÝAŞYL» ENERGIÝA ÖSDÜRILER

**Angliýa, Germaniýa, Fransiýa, Niderlandlar, Belgiýa, Daniýa, Irlandiýa, Norwegiýa, Lýuksemburg döwletleriniň ýolbaşçylary we energiýa ministrleri hem-de Ýewropa Bileleşiginiň Komissiýasynyň ýolbaşçylary Belgiýanyň Ostende şäherinde geçirilen Demirgazyk deňiz sammitine gatnaşdylar. Bu sammit suwüsti ýel energiýa maýa goýumlaryny we infrastrukturasyny artdyrmak maksady bilen geçirilýär.**

**Sammitiň çäklerinde Ýewropa ýurtlary Demirgazyk deňzini suwüsti energiýa önümçilik merkezine öwürmek üçin jarnama gol çekdiler. Germaniýa, Fransiýa, Angliýa we Niderlandlar ýaly Ýewropanyň 9 ýurdy 2030-njy ýyla çenli 130 gigawat, 2050-nji ýyla çenli 300 gigawat suwüsti ýel beketleriniň gurulmagyny we infrastrukturasynyň howpsuzlygyny artdyrmagy maksat edinýär.**

**Halkara Energiýa Agentliginiň Ýerine ýetiriji direktory Fatih Birol sammitde eden çykyşynda Demirgazyk deňzinde suwüsti ýel energiýa mümkinçilikleriniň örän ýokarydygyny, bu ýerde Ýewropanyň häzirki wagtda sarp edýän elektrik energiýasynyň alty essesini öndürip boljakdygyny aýtdy.**




**Belgiýanyň hökümet başlygy Aleksandr De Kro sammitiň Demirgazyk deňzini dünýäniň iň uly «ýaşyl» energiýa bekedine öwürmekde uly ähmiýete eýedigini belledi. De Kro sammitde bellenen maksatnama ýetilen ýagdaýynda, Ýewropadaky 300 million öýüň elektrik energiýasynyň Demirgazyk deňzinden alynjakdygyny, şeýlelikde, has «ýaşyl», energiýa babatda garaşsyz, iş orunlaryny döretmegi dowam etdirýän, agyr senagat işlerini Ýewropada saklap bilýän, durnukly ösýän Ýewropanyň döredilmeginiň maksat edinilýändigini aýtdy.**

**De Kro häzirki wagtda her ýylda 7 gigawatlyk suwüsti ýel energiýa bekedini gurmaga mümkinçilikleriniň bardygyny belläp, bu maksada ýetmek üçin bu görkezijiniň 20 gigawat bolmalydygyna ünsi çekdi. Bu maksada bolsa, diňe hususy pudaga goldaw bermek arkaly ýetip boljakdygyny aýtdy.**

### GÜNDEN WE ÝELDEN ALYNÝAN ENERGIÝA GAZDAN ÖŇE GEÇDI

**● Ýewropa Bileleşiginiň Komissiýasynyň Başlygy Ursula fon der Lýaýen geçen ýyl Ýewropa Bileleşiginiň gaýtadan dikeldilýän çeşmelerden elektrik energiýasynyň önümçiliginiň artandygyny, ilkinji gezek gaz bilen deňeşdirilende, Gün we ýel beketlerinden has köp elektrik energiýasynyň öndürilendigini aýtdy. Ol gaýtadan dikeldilýän energiýa uly maýa goýum goýandyklaryny belläp, hem ykdysadyýeti ösdürmegi, hem-de ýyladyşhana gazlaryň howa goýberilişini azaltmagy başarandyklaryny belledi.**

**Fon der Lýaýen ýylyň dowamynda gaýtadan dikeldilýän energiýanyň önümçiliginde uly artyşyň hasaba alnandygyny, goşmaça energiýa önümçiligini iki esse artdyrandyklaryny aýtdy. Komissiýasynyň Başlygy Ýewropa Bileleşiginiň gaýtadan dikeldilýän energiýa üçin 2030-njy ýyla çenli maksatnamasynyň 32 göterimden 42 göterime çykarylandygyny habar berdi.**

## DÜNÝÄ HABARLARY
### gysga setirlerde

► **2024-nji ýylda dalaşgär bolar.** ABŞ-nyň Prezidenti Jozef Baýden jemgyýetçilik torundaky akkaundynda 2024-nji ýylda geçiriljek saýlawlarda gaýtadan dalaşgär boljakdygyny ýazdy. Prezident Baýden her nesliň demokratiýa üçin ör turmaly wagtynyň bardygyny belläp, ABŞ-nyň Prezidenti hökmünde gaýtadan saýlanmak üçin dalaşgärligini goýýandygyny aýtdy.



► **Ýere meňzeş planetalar çak edilişinden köp.** ABŞ-ly astronomlaryň pikirine görä, Ýere meňzeş planetalar pikir edilişinden köp bolup biler. Kaliforniýa uniwersitetiniň alymlary wodorod atmosferasy hem-de erän magma ummanlary bolan aşa uzakdaky planetalarda suwuň nähili emele gelendigi barada barlag geçirdiler. Karnegi bilim instituty bilen bilelikde geçirilen ylmy barlagyň netijesinde suwly planetalaryň ozal pikir edilişi ýaly seýrek däldigi we Ýere meňzeş planetalarda suwuň bolmak ähtimallygynyň örän ýokarydygy bellenildi.



► **Elektroulag satuwy artdyrylar.** ABŞ-da 2030-njy ýyla çenli awtoulag satuwynyň 50 göteriminiň elektrik energiýasy bilen işleýän ulaglar bolmagy maksat edinilýär. Munuň üçin hususy pudaga goldaw berler, ýerli önümçilik höweslendiriler, üpjünçilik zynjyry güýçlendiriler we täze iş orunlary dörediler. Ak Tamdan ýaýradylan beýanatda ýurtda elektroulag satuwynyň 2021-nji ýyldan bäri üç esse artyp, häzirki wagtda 3 milliondan gowrak elektroulagyň hereketdedigi mälim edildi. Şeýle hem elektroulaglara zarýad beriji beketleriň sany 40 göterim köpeldilip, 135 müňden geçipdir.



► **Emeli aňly alypbaryjy.** Häzire çenli emeli aňly alypbaryjylaryň birnäçesi hödürlendi. Adama meňzeş ýüz hereketleri bilen adama öýkünýän bu hyýaly alypbaryjylaryň arasyna ýene biri goşuldy. «Alexa» atly robotyň alyp barýan gepleşigi jemgyýetçilik tory arkaly köpçülige görkezilýär. Bu alypbaryjy her gepleşikde «täze eşik geýip, makiýažyny we saç modelini» üýtgedýär.



► **Nebit önümçiligi artdy.** Mart aýynda Norwegiýanyň nebit önümçiligi günde 1,83 million barrel bolup, garaşylandan ýokary boldy. Tebigy gaz önümçiligi bolsa her gün ortaça 340,4 million kubmetr boldy. Gaz önümçiliginiň 352,8 million kubmetr bolmagyna garaşylýardy. Bu görkeziji fewral aýynda 354,5 million kubmetr bolupdyr. Bu barada ýurduň Nebit müdirligi habar berýär.



► **Ozalky hökümet başlygy Garwardda bilim alar.** Golaýda işinden çekilen Täze Zelandiýanyň hökümet başlygy Jasinda Arderniň Garward uniwersitetinde ylmy-barlag işlerini amala aşyrmaga gatnaşjakdygy mälim edildi. 42 ýaşly Ardern okuw mekdebinde dolandyryş, we internet torlary bilen bagly ylmy barlaglary geçirer. Ardern Garward uniwersitetiniň hukuk fakultetine degişli Berkman Kleýn adyndaky internet we jemgyýet merkezinde diňe güýzki semestrdäki okuw maksatnamasyna gatnaşjakdygyny we ony tamamlandan soňra ýurduna dolanjakdygyny aýtdy. Şeýle hem ol Täze Zelandiýada oktýabr aýynda geçiriljek saýlaw wagtynda daşary ýurtda boljakdygyny belledi.



## BRICS-iň çägi giňärmi?

2-3-nji iýunda Braziliýa, Russiýa, Hindistan, Hytaý we Günorta Afrika Respublikasy döwletleriniň emele getirýän BRICS toparynyň ýygnagy geçiriler. Ýygnagyň esasy temasy toparyň agzalarynyň sanynyň artdyrylmagy barada bolar. Häzirki wagtda dünýäniň 19 ýurdunyň bu bileleşige gatnaşmak üçin ýüz tutandygy mälim edildi.

BRICS-iň Günorta Afrika Respublikasyndaky wekili Anil Sooklal agza ýurtlaryň wekilleriniň ýygnagynyň iýunyň başynda Keýptaun şäherinde boljakdygyny mälim etdi. Sooklal 13 ýurduň resmi ýagdaýda, 6 ýurduň resmi bolmadyk ýagdaýda agzalyk üçin ýüz tutandygyny mälim etdi. Wekil iýundaky ýygnaga Braziliýanyň, Russiýanyň, Hindistanyň, Hytaýyň we Günorta Afrika Respublikasynyň daşary işler ministrleriniň gatnaşjakdygyny aýtdy. Sooklal ýygnakda BRICS-iň giňeldilmegi we munuň nähili amala aşyryljakdygy baradaky meselelere garaljakdygyny belledi. Haýsy ýurtlaryň bileleşige goşulmak üçin ýüz tutandygy mälim edilmedi.



2006-njy ýylda esaslandyrylan BRIC (Braziliýa, Russiýa, Hindistan we Hytaý) 2010-njy ýylda Günorta Afrika Respublikasynyň goşulmagy bilen BRICS diýlip atlandyrylypdy.

## Iň köp ýaşan agaç bolup biler

Çilidäki tokaýlaryň birinde ösüp oturan agajyň dünýäniň iň köp ýaşan agaç bolmagynyň mümkindigi aýdylýar. Bu ösümligiň ýaşynyň 5 müň ýyldan köpdügini çaklanylýar. Eger çak edilişi ýaly, bu daragtyň ýaşy şeýle uly bolsa, ABŞ-nyň Kaliforniýa ştatyndaky 4 müň 850 ýaşly «Methuselah» atly agajyň rekordyny täzelär.

«Fitzroya cupressoides» atly bu agaç yklymyň günortasynda ýetişýän endemik görnüş hasaplanýar. Paýtagt Santiagonyň 800 kilometr çemesi günortasyndaky Los Rios tokaýlyklaryndaky bitýän «Patagonýa serwisi» atly agaç Günorta Amerikanyň iň uzyn agajy hasaplanýar. Agajyň bu görnüşi köp asyrlardan bäri jaý we gämi gurluşygynda giňden ulanylýar.

Häzirki wagtda dünýäniň iň köp ýaşan agajy «Methuselah»-yň nirededigi hemmelere aýdylmaýar. Çilidäki agajy bolsa, islendik adam görmäge baryp bilýär. Uzynlygy 28 metre ýetýän bu agajy görmek üçin tokaýda bir sagat ýöremeli bolýar. Agajyň ýaşy baradaky gürrüň çykandan soňra, tokaýy goraýanlaryň sany köpeldilipdir.



Bu agajyň üstünden ilkinji gezek 1972-nji ýylda barlypdyr. Agaçdan ilkinji nusgalary alan bilermenler onuň ýaşynyň 5 müň ýyldan gowrak bolup biljekdigini belleýärler. Bilermenler agajyň howanyň üýtgemegi barada hem maglumatlary toplamaga ýardam etjekdigini aýdýarlar. Agaç kesilende görünýän halkalary diňe ýaşyny däl, haýsy ýylda howanyň nähili bolandygy barada maglumat almaga hem mümkinçilik berýär.

## Meşhur söwda köçeleri

«Cushman & Wakefield» atly gozgalmaýan emläk boýunça maslahat beriş kompaniýasy harytlary satyn almak üçin meşhur köçeleriň sanawyny ýaýratdy. «Dünýädäki şaýollar» atly maglumatda 47 köçäniň ady bar. Bu sanaw pandemiýa sebäpli üç ýyllap taýýarlanmandy. Sanaw taýýarlananda, esasan, dükanlaryň we iş ýerleriniň aýlyk kärendesiniň tölegine baha berlipdir. Aýlyk kärende bahasy iň gymmat köçe Nýu-Ýorkuň Bäşinji şaýoly hasaplanýar. Gonkongdaky «Tsim Sha Tsui» we Milandaky «Via Montenapoleone» köçeleri ikinji we üçünji orny eýeleýär.

Bäşinji şaýoldaky dükanlaryň her inedördül metri üçin ýyllyk kärende tölegi 21 müň 76 ýewro bolup, bu görkeziji Gonkongyň iň gymmat köçesinde 15 müň 134 ýewro, «Via Montenapoleone»-da 14 müň 547 ýewro deň.

Mundan ozalky sanawda üçünji bolan Londondaky «New Bond» şaýoly bu gezek 14 müň 346 ýewro bilen dördünji, Parižiň Şanzelize şaýoly ýyllyk ortaça 11 müň 69 ýewro tölegi bilen bäşinji bolupdyr.



Sanawda iň köp üýtgeşmä sezewar bolan köçe Oslodaky «Nedra Slottsgate» we Warşawadaky «Nowy Swiat» köçeleri bolupdyr. Ozalky sanawda 27-nji orna düşen «Nedra Slottsgate» 23-nji orna çykan bolsa, «Nowy Swiat» 32-nji orundan 36-njy orna düşüpdir.

## ÝOKARY GIRDEJI GAZANDY

Norwegiýanyň gymmaty 1,4 trillion dollarlyk döwlet üpjünçilik gaznasy dünýäde paýnamalaryň bahasynyň gymmatlamagy bilen şu ýylyň birinji çärýeginde 5,9 göterimlik maýa goýum girdejisini gazanypdyr. Bu bolsa, 893 milliard norweg kronu (83,89 milliard dollar) diýmegi aňladýar. Guramanyň dolandyryjylar geňeşiniň başlygynyň orunbasary Trond Grande paýnamalaryň bahasynyň gymmatlamagynyň, esasan, tehnologiýa we sarp edijilere degişli pudaklaryň täsiriniň bolandygyny belleýär.

Norwegiýanyň döwlet üpjünçilik gaznasy 1990-njy ýyldan bäri ýurduň nebit-gaz pudagyndan alynýan girdeji bilen daşary ýurtlaryň paýnamalaryna, gymmatly kagyzlaryna, emläk pudagyna maýa goýum goýýar.

5 million töweregi ilaty bolan ýurduň hökümeti bu gaznanyň girdejileriniň ujypsyz bölegini sarp edip, galan bölegini geljek nesiller üçin süýşürýär.

Dünýä biržalaryndaky paýnamalaryň 1,3 göterimi bu gazna degişli. Soňky ýyllarda gazna gaýtadan dikeldilýän energiýa taslamalaryna maýa goýum goýýar.



Gaznanyň bazar bahasy geçen ýylyň ahyryndaky ýagdaýa görä, 12 trillion 429 milliard norweg kronu (1 trillion 240 milliard dollar) bolupdyr. Üstümizdäki ýylda bolsa, bu görkeziji 1,4 trillion dollardan geçdi.

## Kofe öndürmekde öňdebaryjy ýurtlar

Birnäçe ýurduň simwoly hasaplanýan kofe planetanyň belli ýerlerinde ösdürilip ýetişdirilýär. Hasylyny almak, gaýtadan işlemek we taýýar önümi öndürmek, şeýle-de uzak aralykdaky müşderilere ýetirilmeginiň köp zähmet talap edýändigi üçin kofe birnäçe ýurduň ykdysadyýetinde hem uly orun eýeleýär.

Kofäniň dürli görnüşi bolup, olar, esasan, «arabica» we «robusta» atly iki görnüşli dänelerden öndürilýär. Dünýädäki kofäniň 75 göterimi «arabica» görnüşine degişli bolup, esasan, Braziliýada we Kolumbiýada ösdürilip ýetişdirilýär. Ýumşak lezzeti bolan bu kofe süýji, çala kislotaly we miwe ýaly tagamy bilen tapawutlanýar. Şeýle hem düzümindäki kafeiniň mukdary az bolup, ýuwan hasaplanýar. Kofäniň dörtden bir bölegini «robusta» görnüşine degişli kofe emele getirýär. Esasan, Wýetnamda we Indoneziýada öndürilýän kofe dänesi has ajy bolup, düzümindäki kafein mukdary köp. Şeýle bolansoň, «espresso» ýaly has ajy kofe görnüşlerini taýýarlamakda peýdalanylýar.

Kofe önümçiliginde Braziliýa, Wýetnam, Kolumbiýa, Indoneziýa we Efiopiýa öňdeligi eýeleýär. Dünýäde 70-den gowrak ýurtda kofe ösdürilip ýetişdirilýär. Emma global önümçiligiň 75 göterimi ýokarda agzalan ýurtlara degişlidir. Geçen ýyl Braziliýada 3 million 756 müň tonna kofe hasyly alnypdyr. Şeýlelikde, kofe önümçiliginiň 40 göterimi bu ýurda degişli bolup durýar. Ikinji ýerde durýan Wýetnamda ýylda ortaça 1 million 660 müň tonna kofe öndürilýär. Bu bolsa, global önümçiligiň 20 göterimine gabat gelýär. Üçünji ýerdäki Kolumbiýada bolsa, 756 müň tonna kofe hasyly alynýar. Bu bolsa global önümçiligiň 10 göterimine barabardyr.

Kofe sarp etmekde Finlýandiýa öňdeligi eýeleýär. Ýurtda ýylda jan başyna 12 kilogram kofe sarp edilýär. Bu görkeziji Norwegiýada 9,9 kilograma, Islandiýada 9 kilograma deň.



## TARYHDA ŞU GÜN

**■ 1914-nji ýylyň 28-nji aprelinde ABŞ-da serginledijiniň patenti alynýar. Içerde zerur temperaturany we çyglylygy saklamak üçin niýetlenen serginlediji howany täzeläp, howa akymyny ýörite süzgüçlerden geçirip arassalaýar. Bu oýlap tapyş gysga wagtda teatr, dükan ýaly köpçüligiň barýan ýerlerinde we öýlerde giňden ornaşdyrylyp başlanýar.**



# ÝEWROPANYŇ IŇ GOWY DEŇIZ KENARLARY

**Deňiz kenarlary diňe suwa düşmek üçin däl, dürli tebigy gözelliklere syn etmek üçin hem köp barylýan ýerler hasaplanýar. Suwa düşmek üçin köp barylýan deňiz kenarlarynda tebigata zeper ýetip bilýär. Şol sebäpli käbir ýerlerde syýahatçylaryň barmagyna çäklendirme girizilýär. Bilermenler Ýewropanyň iň gowy deňiz kenarlarynyň sanawyny ýaýratdy. Sanawdaky deňiz kenarlary tebigy gözellikleri bilen göreni özüne bendi edýär. Ine, olaryň käbiri:**

**ALBAN RIWÝERASY. Albaniýa entek Ýewropanyň esasy syýahatçylyk merkezi hasaplanmaýar. Şeýle-de bolsa, Adriýatik we Ion deňizleriniň arasynda ýerleşýän bu ýurduň altynsow çägeli deňiz kenarlary we arça agaçlary göreni haýrana goýýar. Ýurduň 450 kilometrlik deňiz kenary bar. Wlýora bilen Saranda şäherleriniň aralygyna bolsa Alban Riwýerasy diýilýär. Saranda şäherine Gresiýanyň Korfu adasyndan gaýykly hem baryp bolýar.**

**BOLGAR KENARLARY. Ýurduň Gara deňziniň kenarlary tebigy gözelliklere diýseň baý. Syýahatçylyk babatda meşhurlyk gazanan Obzor şäheri deňze golaý ýerleşýär. Bu ýere Burgas aeroportyndan 1 sagatda baryp bolýar.**

**POREÇ. Horwatiýanyň günbataryndaky bu şäher taryhy ýadygärlikleri bilen hem syýahatçylary özüne çekýär. Şäherde ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen taryhy ýadygärlikleriň bolmagy bu ýeriň ähmiýetini artdyrýar. Deňiz kenaryndan uzakda bolmadyk Sweti Nikola adasyna gaýykly geçip bolýar.**



**MONTPELÝE. Bu fransuz şäheriniň golaýynda ýurduň iň gowy deňiz kenarlarynyň birini görmek bolýar. Deňiz tolkunlarynyň kenara alyp gelen gyrmançalary bu ýerde uly bolmadyk çägeligi emele getiripdir. Çöli ýatladýan bu kenary görenler özüni Ýewropada däl-de, Afrikada ýaly duýýarlar. Bu ýerde hiç hili gurluşyk etmäge rugsat edilmeýär. Şol sebäpli bu ýerde diňe maýakdan başga bina ýok.**

**MANI ÝARYMADASY. Gresiýanyň ähli ýeri diýen ýaly tebigy gözellikleri bilen tapawutlanyp, syýahatçylar üçin uly mümkinçilikleri hödürleýär. Ýurduň Mani ýarym adasynda arheologik gazuw-agtaryş işleriniň geçirilýän ýerlerini, mawy reňki bilen tapawutlanýan aýlaglary görmek bolýar. Bu ýerde diňe güneşli deňiz kenary däl, eýsem, tebigatyň jümmüşinde ýöremek üçin ýodalar hem bar.**



**LIPARI ADALARY. Italiýa degişli bolan Sisiliýa adasynyň golaýyndaky Lipari adalary ak çägeli kenarlary bilen tapawutlanýar. Tiren deňzindäki Wulkano adalary ak däl-de, gara çägeli kenary bilen haýran galdyrýar. Bu çägelikler wulkanlaryň atylmagy netijesinde çykan läbiklerden emele gelipdir. Sisiliýadan gaýykly baryp bolýan adadaky ýyly palçykly ýer hem syýahatçylary özüne çekýär.**

**EMERALD ADASY. Deňiz syýahatçylygy diýlende, Irlandiýa iň gowy ýurtlaryň biri hasaplanýar. Emerald adasynyň birnäçe kilometre uzap gidýän kenarlary bolsa, suwa düşmek üçin amatly tebigy şertleri döredýär. Donegal graflygyndaky Kinnago aýlagy bolsa kenaryň iň gowy ýerleriniň biri hasaplanýar.**

**DERÝA KENARYNYŇ GÖZELLIGI. Syýahatçylyk diýlende, adatça deňiz kenary göz öňüne gelýän hem bolsa, derýalaryň kenarlary hem tebigy gözellikleri bilen dynç almaga mümkinçilik döredýär. Dunaý derýasynyň Rumyniýanyň içinden geçýän böleginde göçegçi guşlaryň düşleýän ýeri köp. Derýanyň Gara deňze guýýan ýerine golaý bolan batgalyklar guşlara syn etmegi halaýanlary özüne çekýär. Ýewropanyň iň uly batgalygy hasaplanýan bu ýerde ýabany tebigatyň köpdürlüligini görmek bolýar. Bu ýerdäki ak çägeli giň köller hem köpleri özüne çekýär.**

# HAÝSYSYNY SAÝLARDYŇYZ?! DÜNÝÄDE IŇ KÖP SYÝAHAT EDILÝÄN ÝERLER

**Adamlaryň köpüsi syýahat etmegi, owadan ýerlerde dynç almagy gowy görýärler. Käbiri bolsa, syýahat edýän ýeriniň taryhy we milli gymmatlyklary bilen ýakyndan tanyşmagy halaýar. Eger-de syýahat etmegi halaýan bolsaňyz, onda birini saýlaň. Sizi iň köp syýahat edilen ýerler bilen tanyşdyrýarys!**

**Täçmahal, Hindistan.** Dünýäniň meşhur binalarynyň biri bolan Täçmahal aramgähiniň beýikligi 58 metr, ini 56 metr bolup, 1631-nji ýylda Mumtaz Mahal üçin gurulýar. Şah Jahanyň gurduran bu ybadathanasy söýginiň nyşany hasaplanýar. Agra şäherinde ýerleşýän Täçmahal aramgähine her ýyl, takmynan, 2,5 million syýahatçy barýar.

**Giza piramidalary, Müsür.** Müsüre barýan syýahatçylar Giza piramidalaryny ýakyndan synlamak üçin sabyrsyzlyk bilen garaşýarlar. Gadymy müsürlileriň bu ýadygärligi täsin gurluşa eýe bolup, adamzat taryhynyň iň meşhur binalarynyň biri hasaplanýar. Piramidalar 1979-njy ýyldan bäri Bütindünýä medeni mirasynyň bir bölegi bolup, 7 täsinligiň biridir. Giza piramidalaryna her ýyl 3 million töweregi jahankeşde barýar.

**Alhambra, Granada.** Alhambra Gündogaryň binagärlik äheňinde gurlan iň owadan binalaryň biri hasaplanýar. Alhambra şäher galasy Ispaniýanyň Granada şäheriniň golaýynda ýerleşýär. 1984-nji ýylda Bütindünýä medeni mirasynyň sanawynda orun alan bu galanyň uzynlygy 720 metr, ini 220 metr bolup, dünýädäki iň uly galalaryň biri hasaplanýar. Ispaniýanyň iň köp syýahat edilýän ýeri bolan Alhambra her ýyl 3 million syýahatçy barýar.

**Sidneý opera teatry, Awstraliýa.** Sidneý opera teatry Aýers Rok depesi ýaly Awstraliýanyň iň meşhur ýerleriniň biridir. Opera teatry 2007-nji ýylda Bütindünýä medeni mirasynyň sanawyna girizilýär. Tomaşa meýdançasyna her ýyl 9 million töweregi syýahatçy barýar.

**Notr-Dam ybadathanasy, Pariž.** Parižiň meşhur nyşanlarynyň biri bolan Notr-Dam ybadathanasyna her ýyl 12 million jahankeşde barýar. Esasan, wagyz işleri geçirilýän bu ýerde heýkelleri, barok medeniýetiniň yzlaryny görmek bolýar.

**Kolizeý, Rim.** Bu bina gadymy döwürlerde gurlan iň uly amfiteatrdyr. Biziň eramyzyň 72-80-nji ýyllarynda gurlan bu sport meýdançasynda başa-baş söweşler geçirilipdir. Kolizeý binasyna her ýyl 6 million syýahatçy barýar.

**Uly Kanýon milli seýilgähi, Arizona.** Syýahatçylyk ýerleriniň sanawyny Uly Kanýonsyz göz öňüne getirip bolmaz. Kolorado derýasynyň akyp geçýän ugrunda ýerleşýän bu seýilgäh tebigatdaky iň owadan sungat eserleriniň biri hasaplanýar. Bu ýere her ýyl 5 million syýahatçy barýar.











# AT MÜNMEK: saglyk we ruhubelentlik

Atly türgenleşikler, atly gezelenç etmek barada söz açylanda, atyň muşdaklary onuň üýtgeşik bir özüne çekiji lezzetiniň bardygyny aýdýarlar. Munuň sebäpleri megerem, atyň adam saglygyna, emosiýasyna oňaýly täsir edýändigi bilen bagly bolsa gerek.

Fiziki ösüşde we saglygy gowulandyrmakda at münmegiň peýdasy çäksizdir. At münmegiň täsiri gadymy döwürlerde ýüze çykarylyp, bu barada alymlar öz garaýyşlaryny beýan edipdirler. Meşhur lukman Antila at münmegiň tutuş bedeni güýçlendirýändigini öňe sürüpdir. Selsiý aşgazan-içege ulgamynyň kesellerini at münmek arkaly bejermegi maslahat beripdir. Gippokrat ýaralananlaryň we syrkawlaryň at münseler has çalt gutulýandygyny aýdypdyr. Şeýle hem at münmegiň psihologik täsiriniň bardygyny belläp geçip, adamda aýdyň we düşnükli pikirleri döredýändigi hakyndaky garaýyşlary öňe sürüpdir. Ol, aýratynam, melanholiklere at münmegi maslahat beripdir. Soňky ýyllarda lukmanlar atly gezelençleriň adamyň iýmit siňdiriş ulgamyna, gan aýlanyşyna, nerw, dem alyş we endokrin ulgamlaryna oňyn täsir edýändigini kesgitlediler. Näsaglaryň at münmek arkaly bejergi alýan merkezleri häzirki wagtda dünýäniň köp ýurtlarynda işleýär.

Atly gezelenç edilende minutda 100-den gowrak dürli hereket: ýokary-aşak, öňe-yza, gapdallaýyn yranma amala aşyrylýar. Bogunlar we oňurga işjeň ýagdaýa geçip, şol bir wagtyň özünde deňagramlylygy saklamak üçin ähli myşsa agzalary hem hereket edýär. Şonuň üçin hem dürli ýaşdaky adamlara, aýratynam, beden we psihologik taýdan ejir çekýänlere at münmek maslahat berilýär. At münmek gollaryň we aýaklaryň doly hem-de bölekleýin ysmazlygynyň, hereket utgaşyklygynyň bozulmasynyň, oňurganyň egrelmeginiň, ýürek işemiýa keselleriniň, metabolik bozulmalaryň, demgysmanyň, wegeto-damar distoniýasynyň, içege keselleriniň öňüni almaga kömek edýär. Häzirki zaman lukmançylygynda atly gezelenç etmegiň adam bedenine duýgy we fiziki taýdan oňaýly täsir edýändigi bellenilýär.

# ÇAÝ DEMLEMEGIŇ USULLARY

**Çaý özboluşly ösümlik hem-de lezzet beriji içimlik hasaplanýar. Her sagatda hemme ýerde diýen ýaly birnäçe käse çaý içilýär. Esasan hem, Aziýa ýurtlarynda meşhur bolan bu içimligiň gök çaý, gara çaý, jasmin çaýy, matça çaýy ýaly birnäçe görnüşi bar. Ata Watany Aziýa bolan bu ösümlikden çaý demlenende nämelere üns bermeli?! Hoşboý tagamly çaýy nädip demlemeli?! Geliň, çaý demlemegiň käbir syrlaryny öwreneliň!**

Ilkibaşda çaý ýapraklarynyň üstüne gyzgyn suw guýup içmek pikiri hytaýlylaryň kellesine gelýär. Şol sebäpli çaý hytaýlylaryň milli içimligi, çaý içmek bolsa hytaý medeniýetiniň aýrylmaz bölegi hasaplanýar. Wagtyň geçmegi bilen çaý dünýäniň ähli ýerine ýaýrap, ony öndürýän we gaplaýan zawodlar gurulýar. Çeper eserlerde, lukmançylyk baradaky habarlarda çaýyň lezzeti we saglyga peýdasy ýaýbaňlandyrylyp başlanýar.

Çaý antioksidantlara baý içimlik bolup, bedende öýjükleriň zaýalanmagynyň öňüni almaga kömek edýär. Ýürek üçin peýdaly bolan bu içimlik holesterini peseldýär, gan basyşy kadalaşdyrýar hem-de ünsi jemlemäge kömek edýär. Gandaky şekeriň derejesini azaltmakda hem çaýyň peýdasy uludyr.

Çaý demlemegiň usullary her ýurda görä tapawutlanýar. Mysal üçin, Angliýada we Hindistanda çaýa süýt garylýan bolsa, Tailandda buz, Taýwanda miwe bölekleridir köpürjik goşulýar. Çaý demlemegiň, esasan, iki usuly bar. Iň ýaýran usulda çäýnege çaý atyp, ýarymdan gowrak edilip gaýnag suw guýulýar. 10-15 minut demini alandan soň, çäýnege ýene-de gaýnag suw guýulýar. Ikinji usulda, iki çäýnek ulanylýar. Munda aşaky çäýnekde gaýnag suw gaýnadylyp, ýokarky çäýnekdäki çaý aşaky çäýnegiň buguna gaýnap durýar. Bu usulda islege görä, ajyrak ýa-da ýuwan çaý içip bolýar.



**Çaýy gowy demlemegiň syrlary**

Gowy çaý içmek üçin demini alýança garaşmaly. Demini almadyk çaýyň tagamy bolmaz. Ýöne çaý uzak wagtlap demini alsa-da, ajy bolar. Atym çaýy ilki sowuk suwda ýuwmaly. Şeýlelik bilen çaýdaky tozan bölejikleri aýrylýar. Mümkinçilige görä çaýy gidrant suwuna däl-de, agyz suwuna demlemeli. Çaý keramika ýa-da farfor gapda içilse has-da lezzet berýär.

# ÇAGALAR

✓ Ýolagçy gatnawynyň sanawynda üçünji orny eýeleýän «King Fahr» halkara howa menzilinden her ýyl 10 milliondan gowrak adam peýdalanýar.

## NÄME ÜÇIN YZ GALDYRÝAR?

Syn eden bolsaňyz, käbir uçar howada ak çyzyk goýup gidýär. Bu ak çyzyklar kondensasiýa ýoly bilen peýda bolýan «asman sungaty» hasaplanýar. Kondensasiýa hadysasy gazly maddanyň suwuk damjalara öwrülmegidir. Ýagny Ýerdäki suw molekulalary ýokary göterilip, atmosferada toplanýar. Bu molekulalar birleşip, dykyz damjany emele getirýär. Buludy hem muňa mysal getirip bolar. Bu hadysada energiýa bugdan çykýar.

Howada birnäçe kondensasiýa ýollary bar. Eger-de uçar şol ýollaryň birinden geçýän bolsa, onda howada ak çyzyklar emele geler. Sebäbi uçaryň hereketlendirijisiniň howa goýberýän gyzgynlygy esasynda, ýagny atmosfera damjalarynyň uçardan bölünip çykýan gazlar bilen birleşmegi esasynda bugarma hadysasy (kondensasiýa) bolup geçýär. Ak çyzyklar sulfatlardan we nitratlardan ýasalyp, howanyň otnositellik çyglylygy 100 göterimden geçende emele gelýär.

**ÜÇ GÖRNÜŞI BAR**

Uçaryň goýup gidýän ak çyzyklary 3 görnüşde bolýar. Olaryň birinjisi 2-3 minut howada görünýän ak çyzyklar bolup, uçar asmandan geçen badyna ýitýär. Munda uçaryň üstünden geçýän howa massasy gaty gurak bolup, diňe az mukdarda suw bugy kondensasiýa bolýar. Ikinji görnüşde uçar geçip gideninden bir-iki sagatdan soň hem ak çyzyklar öçmän durýar. Uzak wagtlap saklanýan bu hadysada uçar köp mukdarda suw buglaryndan ýa-da buzly atmosferadan geçýär. Gazlar bilen garyşan buzuň eremegine köp wagt gerek bolandygy üçin ak çyzyklar uzak wagtlap saklanýar. Üçünji görnüşde ak çyzyklar daş-töwerege ýaýraman, bulut ýaly bir ýerde jemlenýär. Bu hadysa atmosferada bulaşyk görnüşli ak meýdany emele getirýär.

**GAÝYBANA SYÝAHAT**

## Saud Arabystanynyň «King Fahr» halkara howa menzili



«King Fahr» dünýäniň iň uly halkara howa menzili hasaplanýar. Ýolagçy gatnawynyň sanawynda üçünji orny eýeleýän «King Fahr» halkara howa menzilinden her ýyl 10 milliondan gowrak adam peýdalanýar. Bu howa menzilinde 37 awiakompaniýanyň uçarlary 4 kilometrlik iki ugurly uçuş we gonuş zolagynda hereket edýärler.

1999-njy ýylda işe girizilen bu howa menziliniň üç terminal binasy bar. Alty gatly esasy terminal binasynyň meýdany 327 müň inedördül metr bolup, 15 giriş derwezesi hem-de 11 sany uçara münüş köprüsi bar. Bu terminaldan daşary ýurtlaryň 44-sine uçuşlar amala aşyrylýar. 177 inedördül metr meýdany tutýan korol terminaly hökümet işgärleri we myhmanlar üçin niýetlenip, bezeg aýratynlygy we döwrebaplygy bilen tapawutlanýar. Bu terminalda ýolagçylary uçar bilen birleşdirýän 4 köpri bar. Halkara howa menziliniň «Aramco» terminalynda uçarlar saklanyp, degişli hyzmatlar ýerine ýetirilýär. «King Fahr» halkara howa menzilinde dürli sowgatlary we harytlary satmak üçin ýörite meýdança bar. Mundan başga-da, bu ýerde restoranlar we banklar ýerleşýär. Şeýle hem halkara howa menzilinde 2 müň adama niýetlenen metjit hem-de ösümlik nahalhanasy bar.

**«At aýlanyp, gazygyny tapar...»**

## SÖZI MANYSY BILEN ÖWRENELIŇ!

Durmuşy temada döredilen bu nakylda türkmeniň uçar ganaty bolan bedewleriň waspy ýetirilýär. Goç ýigitleriň kyn gününde ýoldaşy, şatlykly gününde syrdaşy bolan türkmen bedewleri owadanlygy hem-de wepalylygy bilen bütin dünýäde tanalýar. Atlar, köplenç, teblehanada (atýatak) saklanýar. Açyk howluda bolsa, at dönüm edip durar ýaly gazyga (teble) baglanýar. Atyň aýagyny ýazmagy üçin meýdana goýberilýär ýa-da at sürüsine goşulýar. Otlap-suwlan bedewler gazygyny, ýagny öýüni ýatdan çykarmaýar. Näçe wagt geçendigine garamazdan atlar öz gazygyny tapyp gelýär. Nakylyň umumy manysyny jemlänimizde, türkmen bedewleriniň eýesine we öýüne wepalylygy gelip çykýar.



- Atlar dik duran ýerinde uklap bilýärler. Atlaryň ýykylman dynç almagy üçin aýaklaryny «gulplamaga» mümkinçilik berýän tendonlar ulgamy bar.
- Beýleki janly-jandarlardan tapawutlylykda atlar diňe burnundan (minutda 8-14 gezek) dem alýar.
- Atlaryň 180 derejede aýlanyp bilýän, 10 myşsaly gulagy bar. Bu jandarlar çawuş sesi hem eşidip bilýär.
- Atlar, takmynan, 360 dereje görüş meýdanyna eýe. Bilermenler muny atlaryň gözüniň kellesiniň iki gapdalynda ýerleşmegi bilen düşündirýärler.
- Atlar akylly öý jandary bolup, ýatda saklamak hem-de tanamak ukybyna eýedir.
- Atlar biri-birine kömek edip bilýän duýguçyl jandarlar hasaplanýar.
- Atyň ýaşyny dişlerine görä hasaplap bolýar.



**BILÝÄRMISIŇIZ?!**

**Şekili reňkläň!**



**Labirint**




## 12 tapawudy tapyň!



## Men bärde!

| | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| B | A | R | T | I | H | Ü | J | Ö | Ş | M |
| U | R | P | U | B | A | S | O | W | O | G |
| T | Y | O | B | R | T | A | P | A | P | J |
| G | E | M | T | O | Ý | R | Y | Z | E | O |
| I | W | I | P | K | S | Y | T | O | F | L |
| P | A | D | I | K | Ö | M | E | L | E | K |
| O | K | O | L | O | P | S | Ž | E | Ş | I |
| Ý | E | R | A | L | M | A | S | G | P | R |
| E | R | E | D | I | S | K | A | H | B | A |
| T | Y | H | J | O | L | P | S | J | U | F |
| A | Ý | F | G | A | K | Ä | Ş | I | R | T |
| S | U | P | L | K | U | Ç | Y | Z | Ç | O |

# Ykbalyny kino sungatyna bagyşlan halypa

Biz filmlere tomaşa edenimizde diňe şol filmiň ideýasy, temasy, dramaturgiýasy, dartgynly wakalary ýa-da gülküli sahnalary, şonuň ýaly-da aktýorlaryň özlerine ynanylan keşpleri janlandyryşlary bilen gyzyklanýarys. Emma şol filmleri döredýän toparyň alyp barýan işleri biz üçin düýbünden nätanyş bolup galýar. Kinony dörediji topar birnäçe işgärden ybarat bolup, olaryň içinde filmi goýujy režissýor, kinorežissýor, şeýle-de filmiň gurnaýjysy (direktory) kadryň aňyrsynda galýar. Şeýle halypalaryň biri hem şol filmlerde zähmet çeken kino işgäri Amanmuhammet Döwletowdyr.

Amanmuhammet Döwletow 1943-nji ýylyň 15-nji aprelinde Ahal welaýatynyň Kaka etrabynyň Mehinli obasynda dünýä inýär. Her bir ynsan ýetginjek wagty geljekde haýsy hünäre eýe bolmaly diýen pikire çümýär. Şeýle ýagdaý ýaşajyk Amany hem gurşap alýar. Aman entek çagaka onuň kakasy frontdan gelýär. Şikesli kakasyny synlan Amanyň oňa nebsi agyryp öz ýanyndan: «Menem lukman bolsam, ýaramaýan adamlara kömegim degse» diýip, arzuw edipdir. Amanyň ýaşy ýetip harby gulluga gidýär. Ony gulluk edýän bölüminden kiçi medisina işgärini taýýarlaýan ýedi aýlyk okuw mekdebine ugradýarlar. Aman muňa diýseň begenýär. «Gökdäki dilegim ýerde gowuşdy» diýip, özüniň lukman bolmaga höwesekdigini, dogumyny, gujur-gaýratyny görkezip, lukmana mahsus häsiýetleri bilen synagdan geçýär, okaýar, esgerlere lukmançylyk kömegini edýär. Emma Aman entek mekdepde okap ýörkä, Moskwanyň M.Gorkiý adyndaky kinostudiýasynyň işgärleri Aşgabada gelip, «Horaz» atly filmi surata düşürip başlaýarlar. Filmiň režissýory filmiň baş gahrymanlarynyň biri Nazar atly boksçy ýigidiň keşbini janlandyrmaly oglany gözläp, paýtagtyň mekdeplerine aýlanyp çykýar we şol keşbi janlandyrmagy ýaşajyk Amana ynanýar. Aman bu filmde ussat artistler Warwara Soşalskaýa we Leonid Reutow dagy bilen bilelikde çykyş edip, boksçy Nazaryň keşbini janlandyrýar. Şol filmden soň Aman kino sungatynyň özüne çekijiliginiň güýçlüdigine göz ýetirýär. Şol filmiň täsiri bilen Aman 1968-nji ýylda «Türkmenfilm» kinostudiýasyna barýar. Amany derrew filmiň administratory edip, işe kabul edýärler. Soňra ol kinorežissýoryň assistenti, kinorežissýor, goýujy kinorežissýor we filmiň gurnaýjysy bolup işleýär. Şonuň ýaly-da, filmlerde aktýor hökmünde hem keşp janlandyrýar. Geliň, indi Amanyň «Türkmenfilm» kinostudiýasyndaky döredijilikli ýoly hakynda durup geçeliň. M.Gorkiý adyndaky kinostudiýasynyň önümi bolan «Horaz» atly çeper filmdäki boksçy Nazaryň keşbini janlandyransoň, studiýanyň kinorežissýorlary Amana öz döredýän filmlerinde aktýor hökmünde-de keşp janlandyrmagy ynanyp başlaýarlar. Olar halypa kinorežissýorlar hem aktýorlar Baba Annanow, Usman Saparow, Kakow Orazsähedow, Orazmyrat Gummadow, Aşyr Rahmanow, Oraz Orazow dagydyr.

Amanmuhammet Döwletow döredijilik işiniň dowamynda «Söýmek gerek», «Ýurt eýesi», «Sähediň tomsy» ýaly birnäçe çeper filmleriň gurnaýjysy (direktory) bolup hem işleýär. Aman aga «Türkmenfilm» kinostudiýasynda surata düşürilen «Muňa durmuş diýerler» atly çeper filmde goýujy kinorežissýoryň wezipesini ýerine ýetirip, bu filmiň şowly çykmagy üçin özüniň zehinini we yhlasyny siňdirýär. Amanmuhammet Döwletow dramaturg hökmünde hem birnäçe kinossenariýalary ýazýar. Olardan «Ýönekeý adamyň çylşyrymly ykbaly», «Nusga gelinli ene», «Kalplar badaşanda», «Ata we ogul», «Älem ýürek», «Lebiz», «Hajygolak» atly ssenariýalaryny agzap geçse bolar.

Ýeri gelende, Amanmuhammet aganyň ýazan kinossenariýalarynyň içinde «Lebiz» hem-de «Hajygolak» atly ssenariýalary surata düşürilip, halk köpçüligine ýetirilendigini, şonuň ýaly-da Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň sungat ussatlary baradaky, ensiklopediýa kitabyna-da çykarylandygyny-da belläp geçmek ýerlikli bolsa gerek. Aman aga bilen söhbetdeş bolanymyzda ol pursatdan peýdalanyp şägirdi Oraz Orazowy ýatlap geçdi.

— Oraz bilen maňa ençeme filmlerde işleşmek miýesser etdi. Durmuş teatrdaky oýna meňzeýär. Möhüm zat onuň näçe wagt dowam etjegi däl-de, eýsem, näderejede gowy oýnalmagydyr. Şol derejedäki artist bolansoň «Margiana» kinostudiýasynda önümçilige goýberilen «Zäherlenen söýgi» atly çeper filmde baş keşpleriň birinde surata düşenden soň, «Türkmenfilmiň» ýolbaşçylary Orazy Moskwa şäherine kinorežussura ugrundan iki ýyllyk okuwa ugradýarlar. Şol okuwy tamamlap gelensoň men Oraz bilen işleşip başladym. Oraz juda ýumşak adamdy. Ýola çyksaň ýoldaş, öýde syrdaş bolunýan adamlardandy. Men onuň bilen ençeme filmlerde egin-egne berip işleşdim. Olardan «Mollanepes», «Gedaý bagşy», «Talyp durmuşy», «Şaýly gelin», «Muňa durmuş diýerler», «Bugdaý sümmül bolanda», «Serpaý» ýaly ajaýyp filmler bar.

Halypa kino işgäri Amanmuhammet Döwletow ykbalyny kino sungatyna bagyşlamak bilen kinony dörediji toparyň dürli kärlerinde işläp, şu günki güne çenli öz ýiti zehini, ukyp-başarnygy, işjeňligi bilen ýaş kinoçylara görelde bolup gelýär. Bir söz bilen aýdanymyzda ýaş kinoçylara Aman agadan öwrenere zat örän kän. Ol bütin durky bilen kino sungatyna berlen ynsan. Aman aga häzirki döredilýän filmlerde ýaşuly nesliň keşbini ussatlarça döredip gelýär. Muňa mysal edip kinorežissýor Batyr Batyrowyň «Hajygolak», ýaş kinorežissýor Zulfiýa Kadyrowanyň «Ynsan syrdaşy», halypa kinorežissýor Sahysalyh Baýramowyň «Gyzyl kürte» atly filmindäki döreden ajaýyp keşplerini agzap geçse bolar. Bu keşpler kino muşdaklarymyz tarapyndan oňat garşy alyndy. Aman aganyň döwletli maşgalasy bar. Ol maşgalasy Güljeren ýeňňemiz bilen 5 ogly terbiýeläp ýetişdiripdir. Olary ylymly-bilimli, hünärli adamlar edipdir. Olaryň içinde suratkeşem, sazandasam, ylmy işgärem bar. 11 agtygy, 4 çowlugy bolan Aman aga maşgalasy Güljeren ýeňňemiz bilen bagtly durmuşda ýaşaýar.

— Men pursatdan peýdalanyp medeniýet, sungat, teatr we kino işgärlerine uly sarpa goýýan Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize berk jan saglyk, uzak ömür, alyp barýan il-ýurt bähbitli işlerinde rowaçlyklary arzuw edýärin — diýip, segsen ýaşy arka atan Amanmuhammet Döwletow ýürek buýsanjyny beýan etdi.







**Akmyrat HOJABERDIÝEW,**
**kino sungatyny öwreniji.**

# «Netflix»-iň abunaçylary artýar

Dünýä belli «streaming» wideo platformasy «Netflix» 2023-nji ýylyň 1-nji çärýeginde abunaçylarynyň sanynyň hem-de girdejisiniň artandygyny habar berdi. 2022-nji ýylyň ikinji ýarymynda uly ýitgä sezewar bolan kompaniýa şu ýylyň ilkinji 3 aýynda 1,75 million täze abunaçynyň platforma goşulandygyny mälim etdi. Gündogar Ýewropada emele gelen ýagdaýlardan soň platforma ep-esli abunaçy ýitiripdi. Häzirki wagtda platformanyň abunaçylarynyň sany 232,5 milliona deň bolup, soňky 3 aýda iň köp Aziýa – Ýuwaş umman sebitinden abunaçy toplamagy başardy (1,5 million). «Wall Street Journal»-yň habar bermegine görä, kompaniýa soňky 3 aýda 8,2 milliard girdeji gazandy. Degişli döwürde 1,2 milliard sap girdeji gazanan kompaniýanyň ýyllyk gazanjy hem 3,7 göterim ýokarlandy.




Soňky döwürde kinolaryň sanyny azaldyp, hilini ýokarlandyryp başlan platforma ýakyn günlerde wideo oýun dünýäsine-de aralaşmaga taýýarlyk görýär.

25 ýyllyk taryhy bolan kompaniýanyň häzirki wagtda abunaçylarynyň agramly bölegi Demirgazyk Amerika bolup, ABŞ we Kanadadan 74,3 million müşderisi bar. Ýewropa, Ýakyn Gündogar we Afrikadan 76,7 million, Latyn Amerikadan 41,7 hem-de Aziýa – Ýuwaş umman sebitinden 38 million abunaçy «Netflix»-e tomaşa edýär. E-mail salgylarynyň üsti bilen DVD-leri prokata bermek bölümini ýapan kompaniýa häzirki wagtda ähli «streaming» platformalarynyň arasynda 10 ýyldan bäri birinjiligini dowam etdirýär. Bu ugurda 205 million abunaçy bilen «Amazon Prime Video» 2-nji, 161,8 million abunaçysy bolan «Disney Plus» 3-nji ýeri eýeleýär.

# «Harry Potter»-iň serialy surata düşüriler

Britaniýaly zenan ýazyjy J.K.Rowlingiň meşhur eseri «Harry Potter»-iň köp bölümli serialynyň ekranlaşdyryljakdygy habar berildi. Aslynda bu taslama barada 2021-nji ýylda-da agzalypdy. Ýöne golaýda «HBO Max» studiýasy serialyň ekranlaşdyryljakdygyny resmi ýagdaýda mälim etdi. Taraplaryň gelen ylalaşygyna görä, serialyň 10 ýyllap dowam etmegine garaşylýar. Ýazyjynyň kitaplaryna salgylanylyp ekranlaşdyryljak serialda kimleriň surata düşjekdigi öňümizdäki günlerde belli bolar. Şol bir wagtyň özünde serialda asyl filmdäki baş keşbi janlandyran artistleriň çykyş edip-etmejekdigi, şol filmlerdäki nusgawy zatlaryň serialda-da ulanylyp-ulanylmajakdygy häzirlikçe näbelli. «Warner Bros.» hem-de «Discovery Inc.» kompaniýalarynyň birleşmeginden soň «Warner Bros. Discovery» adyny alan kompaniýanyň iň uly ýolbaşçysy bolan Dewid Zaslaw serialyň «HBO Max»-da ýaýlyma beriljekdigini aýtdy.

Ilkinjisi 1997-nji ýylda «Harry Potter» we pelsepe daşy atly kitabyň çapdan çykmagy bilen başlanan jadygöýlük dünýäsi özbaşyna industriýa öwrüldi. J.K.Rowlingiň şol kitaplary esasynda 8 asyl film, 3




goşmaça kino hem-de spektakl taýýarlandy. Umumylykda 13,4 milliard dollardan gowrak girdeji gazanan «Harry Potter» markasynyň täze önüminde-de, edil öňkülerde bolşy ýaly, ýazyjynyň özi prodýuser hökmünde çykyş eder.

# Soňky filmine režissýorlyk eder

Meşhur aktýor hem-de režissýor Klint Istwud soňky gezek kameranyň arka tarapyna geçjekdigini habar berdi. 92 ýaşyndaky režissýor «Juror #2» atly film bilen režissýorlyk karýerasyna soňky nokady goýjakdygyny aýtdy. Weteran režissýor soňky gezek 2021-nji ýylda «Cry Macho» filmini surata düşüripdi. «Bagyşlanmadyk» (Unforgiven), «Gran Torino» (Gran Torino), «Syrly derýa» (Mystic River), «Million dollarlyk bäbek» (Million Dollar Baby) ýaly ýatdan çykmajak kinolary ekranlaşdyran Istwudyň



soňky kinosynda Nikolas Hult bilen Toni Kolletteniň baş keşplerde surata düşmegine garaşylýar. 1930-njy ýylyň 31-nji maýynda dünýä inen Istwud 1960-njy ýyllarda surata düşen Serjio Leoneniň western görnüşli «Dollar üçlügi» filmlerindäki keşpleri bilen bütin dünýäde uly meşhurlyk gazanypdy. Ýagny ol sazlary bilenem köpleri özüne bendi eden «Bir gysym dollar» (A Fistful of Dollars, 1964), «Az owlak dollar üçin» (For a Few Dollars More, 1965) hem-de «Gowy, erbet, ýaramaz» (The Good, the Bad and the Ugly, 1966) atly filmlerde surata düşüpdi.



● **DIKLIGINE:** **2.** Mähriban ynsan. **3.** Saz guraly. **4.** Güman,...-şübhe. **5.** Içinde ot ýakyp, üstünde nahar bişirmek, çaý gaýnatmak üçin gurlan hojalyk enjamy. **6.** «El-... ýuwar, iki el birigip ýüzi» (nakyl). **7.** Pökgi. **8.** Gulagy eşitmeýän. **10.** Gazlar maşgalasyndan bolan uly aw guşy. **11.** Peýniriň bir görnüşi. **12.** Hemişe, baky. **14.** Oglan ady. **15.** Russiýada bir derýa. **16.** Meňzeş, ýaly, kimin. **18.** Sözlemiň baş agzasy. **19.** Boldy, ýetik. **21.** Ümlük. **22.** Burun boşlugynda hirurgiki amallar üçin döredilen lukmançylyk optiki enjamy. **23.** ...-giç. **26.** Gektar ölçeg birliginiň gysga aňladylyşy. **27.** Kosmetik serişdeleri taýýarlamakda ulanylýan bezeg güli. **28.** «... muzduny ber-de gyssa» (nakyl). **29.** Baglaýjy kömekçi. **32.** Asylýan, asylyp goýulýan. **33.** Baglaýjy kömekçi söz. **34.** Türkmen halk ertekisi. **36.** «Hüll-hülli, burny gylly, merjeni atly, baldyry tüýli» (matal). **40.** Gezelenç, gezim. **41.** Yzgar, çyg. **42.** Üst-baş. **43.** Russiýada bir derýa. **45.** Ýer işlerinde gazmak, daş goparmak üçin ullakan, ujy ýiti demir. **47.** Saç guradyjy enjam. **48.** «Ýasy ýatar, tamy tutar» (matal). **50.** Alyn dişlerden aňyrky iýmit çeýnelýän iri we ýasy dişler. **51.** «We» sözüniň iňlisçesi. **52.** Asman. **53.** Agaç. **54.** Jenjel, dawa. **55.** Şemal.

● **KESELIGINE:** **1.** Biri-birine deňlik. **6.** Türkmen halk döredijiligi. **9.** Bir işi ýerine ýetirmäge tutanýerli ýapyşýan, gaýduwsyz. **10.** Her hili uzyn tüýli deriden, baganadan tikilip, kellä geýilýän başgap. **13.** Bir ýurda daşary ýurtdan haryt getiriş. **17.** Haýal otda gyzdyrylyp taýýarlanýan somsa. **19.** Bireýýäm, birmahal. **20.** Dürli gumanitar we tebigy-matematiki bölümleri öz içine alýan ýokary okuw mekdebi. **24.** Nota. **25.** «Ýaňagyň reňki ..., uçmah gülüdir» (Nesimi). **26.** Zäherli ýylanyň bir görnüşi. **30.** «Aç galandan, giç ...» (nakyl). **31.** Bir zadyň biri-birine seplenen, birleşdirilen ýeri. **35.** Leksikany ýazýan adam. **37.** Ümlük. **38.** Nota. **39.** Adam mertebesine sarpa goýýan, ynsansöýer. **44.** Göwne ýaramly hoş ýakýan. **46.** Gepleşik enjamy. **49.** Tailandyň dynç-alyş kenary. **53.** Arhitektura desgasy, gala. **56.** Okuw esbaby. **57.** «Ýorgaly bilen ýoldaş bolma, nadan bilen -...» (nakyl). **58.** Miwe.

**18-nji krosswordyň jogaby:**




## 19-njy KROSSWORD

**Sülgün AŞYROWA,** *Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*




## 14-nji SKANWORD

**Aýgözel IŞANOWA,** *Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Bir sözlemde...

«Monuments» bir günlük welosiped ýol bäsleşikleriniň 4-nji tapgyry bolan 109-njy Liež—Bastonýe—Liež ýaryşynda 258,1 kilometri 6 sagat 15 minut 49 sekuntda tamamlan «Soudal-Quick-Step» toparynyň belgiýaly türgeni Remko Ewenepoel ýeňiş gazanyp, ol britaniýaly Tom Pidkokdan («Ineos Grenadiers») hem-de kolumbiýaly Santiago Buitragodan («Team Bahrain Victorious») öňe saýlandy.

Dünýäniň 6 uly marafon ýaryşynyň biri bolan London marafonynda erkekleriň arasynda keniýaly Kelwin Kiptim 2 sagat 1 minut 25 sekuntda pellehana gelip, watandaşy Jeoffreý Kamwororodan (02:04:23) hem-de efiopiýaly Tamirat Toladan (02:04:59) öňe saýlandy.

43-nji gezek geçirilen London marafonynda zenanlaryň arasynda keniýaly Peres Jepçirçirden 5, efiopiýaly Alemu Megertudan 4 sekunt öň pellehana gelen niderlandlardan Sifan Hassan 2 sagat 18 minut 33 sekuntda ýaryşy tamamlap, karýerasyndaky ilkinji marafon çempionlygyny gazandy.

Golf boýunça Tehasda geçirilen zenanlaryň arasyndaky «Chevron Championship LPGA» ýaryşynda amerikaly Lilia Wu ýeňiş gazanyp, pleý-off duşuşygynda watandaşy Anjel Ýinden üstün çykdy we 765 müň dollarlyk pul baýragyna mynasyp boldy.

Italiýanyň Kubogy ýaryşynda 1–1 tamamlanan ýarym finalyň jogap oýnunda «Ýuwentusy» Federiko Dimarkonyň 15-nji minutda ýeke-täk goly bilen 1–0 ýeňen «Inter» finala çykyp, onuň finaldaky garşydaşy «Fiorentina» ýa-da «Kremoneze» bolar (1-nji oýunda «Fiorentina» 2–0 ýeňipdi).

Serbiýanyň çempionatynda 31-nji tapgyrda «Baçko Topola» topary 4–1 ýeňen «Srwena Zwezda» bassyr 6-njy, umumylykda-da 34-nji çempionlygyny gazandy.

UEFA Ýaşlar Ligasynyň finalynda Horwatiýanyň «Haýduk Split» topary 5–0 (Addai 45 p, Poku 70, 76, Meerdink 79, 87) ýeňen Niderlandlaryň «AZ Alkmaar» topary ilkinji gezek çempion bolmagy başardy.

## ÝEWROPADA NOBATDAKY TAPGYRYŇ IŇ ESASY DUŞUŞYKLARY:

**28-nji aprel (anna):**
Bohum — Borussiýa D (23:30)
**29-njy aprel (şenbe):**
Union Berlin — Baýer (18:30)
Napoli — Salernitana (18:00)
**Roma — Milan (21:00)**
Real Madrid — Almeriýa (21:30)
Barselona — Betis (00:00)
**30-njy aprel (ýekşenbe):**
**Inter — Lasio (15:30)**
M. Ýunaýted — A. Willa (18:00)
Fulham — Man. Siti (18:00)
Bawariýa — Herta (18:30)
PSŽ — Loriýan (20:05)
**Liwerpul — Tottenham (20:30)**
**Beşiktaş — Galatasaraý (21:00)**
Bolonýa — Ýuwentus (23:45)

**2-nji maý (sişenbe):**
**Barselona — Osasuna (22:30)**
**Udineze — Napoli (23:45**
**Arsenal — Çelsi (00:00)**
R. Sosiedad — Real Madrid (01:00)
**3-nji maý (çarşenbe):**
**Man. Siti — West Ham (00:00)**
Liwerpul — Fulham (00:00)
Monza — Roma (00:00)
Milan — Kremoneze (00:00)
**4-nji maý (penşenbe):**
Braýton — M. Ýunaýted (00:00)

# Myhmançylykdaky toparlaryň üstünligi

**Futbol boýunça Türkmenistanyň Ýokary Ligasynda 3-nji tapgyryň duşuşyklary oýnaldy. Geçirilen 4 duşuşykda 12 gol geçirilip, 3 oýunda myhmanlar ýeňiş gazandy.**



Soňky çempion «Ahal» myhmançylykda «Merw» bilen duşuşyp, 2–1 hasabynda asgyn geldi. 12-nji minutda Alibek Abdyrahmanowyň goly bilen öňe saýlanan «Merw» 90+3-nji minutda Zafar Babajanowyň goly esasynda ýeňşini baýram etdi. Duşuşykda «Ahalyň» ýeke-täk goluny 32-nji minutda Amir Gurbani öz adyna ýazdyrdy.

Tapgyryň iň uly hasaply ýeňşini «Arkadag» topary gazandy. Täze topar myhmançylykda «Köpetdagyň» derwezesinden jogapsyz 4 pökgi girizdi. Gollary 35-nji minutda Arzuwguly Sapargulyýew, 45-nji minutda Didar Durdyýew, 65-nji minutda Resul Hojaýew hem-de 78-nji minutda Orazberdi Myradow geçirdi.

«Şagadam» bilen «Energetik» toparlarynyň arasyndaky oýunda-da ýeňiş gazanan topary 1 gol kesgitledi. Şol goly hem 5-nji minutda «Energetik» toparynyň oýunçysy Arslan Ýollyýew geçirdi. Duşuşykda 5 oýunça sary kart berlip, her topardan bir futbolçy-da gyzyl kart aldy. «Energetikden» Farid Kamaletdinowa 67-nji minutda 2-nji sarydan soň, şeýle-de «Şagadamdan» Baýram Ataýewe 81-nji minutda gyzyl kart görkezildi.

4 goluň geçirilen başga bir duşuşygynda-da «Nebitçi» myhmançylykda «Aşgabat» toparyndan 3–1 hasabynda üstün çykdy. 6 futbolçynyň sary kart alan oýnunda ýeňiş gazanan toparyň gollarynyň 2-si penalti urgularyndan geçirildi. Duşuşykda «Nebitçiniň» adyndan 3-nji minutda penaltiden Daýanç Orazgulyýew, 19-njy minutda we penaltiden 77-nji minutda Akmämmet Metdäýew tapawutlandy. «Aşgabat» toparynyň ýeke-täk goluny bolsa 44-nji minutda Bäşim Gurbangeldiýew tora girizdi.

Geçirilen 3-nji tapgyrdan soň 7 utuk toplan «Nebitçi» sanawda 1-nji orunda barýar.

Çempionatda 4-nji tapgyryň duşuşyklary şu gün hem-de ertir oýnalar. Şu gün «Altyn asyr»—«Merw», «Ahal»—«Köpetdag», ertir «Energetik»—«Aşgabat» hem-de «Arkadag»—«Şagadam» duşuşyklary geçiriler.

Türkmenistanyň Kubogy ugrundaky ýaryşyň deslapky tapgyrynda «Arkadag» topary öz meýdançasynda «Energetik» toparyndan 4-0 üstün çykdy. Ýeňiş gazanan toparyň gollaryny Didar Durdyýew (39), Güýçmyrat Annagulyýew (45), Şanazar Tirkişow (70) hem-de Begmyrat Baýow (88) geçirdi. Jogap oýny 2-nji maýda geçiriler we ýeňiş gazanan topar çärýek finalda «Köpetdag» bilen duşuşar.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1. | «NEBITÇI» | 3 | 2 | 1 | 0 | 5–2 | 7 |
| 2. | «ARKADAG» | 2 | 2 | 0 | 0 | 6–1 | 6 |
| 3. | «KÖPETDAG» | 3 | 2 | 0 | 1 | 4–5 | 6 |
| 4. | «ALTYN ASYR» | 2 | 1 | 1 | 0 | 2–0 | 4 |
| 5. | «AŞGABAT» | 2 | 1 | 0 | 1 | 2–3 | 3 |
| 6. | «ENERGETIK» | 3 | 1 | 0 | 2 | 1–3 | 3 |
| 7. | «MERW» | 3 | 1 | 0 | 2 | 3–4 | 3 |
| 8. | «AHAL» | 3 | 1 | 0 | 2 | 2–4 | 3 |
| 9. | «ŞAGADAM» | 3 | 0 | 0 | 3 | 2–5 | 0 |

# «CAFA Nations 2023» ýaryşynyň bijeleri çekildi




Futbol boýunça Merkezi Aziýanyň futbol assosiasiýasy tarapyndan (CAFA) «CAFA Nations 2023» ady bilen geçiriljek halkara ýaryşyň bijeleri çekildi. 11-20-nji iýun aralygynda geçiriljek ýaryşda bijä laýyklykda Türkmenistanyň milli ýygyndysy «A» toparça düşdi. Ildeşlerimiz bu toparçada ýer eýeleri Özbegistanyň, şol sanda Täjigistanyň hem-de Omanyň ýygyndylary bilen özara güýç synanyşar. Türkmenistanyň milli ýygyndysy 11-nji iýunda Täjigistanyň, 14-nji iýunda Özbegistanyň hem-de 17-nji iýunda Omanyň ýygyndylary bilen duşuşar.

«B» toparçada 3 ýygyndy bolup, olar Eýranyň, ýer eýesi Gyrgyz Respublikasynyň hem-de Owganystanyň ýygyndylarydyr. «A» toparçadaky duşuşyklar Özbegistanyň paýtagty Daşkent şäherinde, «B» toparçanyň duşuşyklary bolsa Gyrgyz Respublikasynyň paýtagty Bişkek şäherinde geçiriler.

Toparçalarda 1-nji orny eýelänler finala çyksa, 2-nji ýeri eýelänler bürünç medal ugrundaky duşuşyga çykar. Ýaryşyň 3-nji ýer üçin duşuşygy hem-de finaly Daşkent şäherinde geçiriler.

**«A» toparçanyň duşuşyklary.**

***1-nji tapgyr. 11-nji iýun (ýekşenbe)***

Täjigistan – Türkmenistan
Özbegistan – Oman

***2-nji tapgyr. 14-nji iýun (çarşenbe)***

Oman – Täjigistan
Türkmenistan – Özbegistan

***3-nji tapgyr. 17-nji iýun (şenbe)***

Özbegistan – Täjigistan
Türkmenistan – Oman

# Finaldaky ilkinji Mançester derbisi

**Dünýäniň iň gadymy futbol bäsleşigi bolan Angliýanyň FA Kubogy ýaryşynda finala çykan toparlar belli boldy. Ýaryşyň finalynda ilkinji gezek Mançester şäheriniň wekilleri — «Siti» bilen «Ýunaýted» duşuşar.**

Londondaky «Wembley» stadionynda geçirilen ýarym final oýunlarynda «Mançester Siti» 2-nji ligada çykyş edýän «Şeffild Ýunaýtedi» Riýad Mahreziň het-trigi (43 p, 61, 65) bilen 3–0 hasabynda ýeňip, 12-nji gezek finala çykdy. Kubogy soňky gezek 2019-njy ýylda eýelän «Mançester Siti» topary mundan öňki 11 finalyň 6-synda ýeňiş gazanypdy. Ýaryşyň çäginde şu möwsümde oýnan 5 duşuşygynda 17 gol geçirip, ýeke gol hem geçirtmedik «Mançester Siti» 57 ýyldan soň gol geçirtmän finala çykan ilkinji klub boldy. Soňky gezek 1965/66 möwsüminde «Ewerton» gol geçirtmezden finalda oýnapdy.






Riýad Mahrez

Ýarym finalyň beýleki duşuşygynda-da «Mançester Ýunaýted» bilen «Braýton» duşuşdy. Oýnuň esasy hem-de goşmaça wagtynda hasap açylmady. Ýeňijini penalti urgulary kesgitläp, «Mançester Ýunaýted» 7–6 öňe saýlanyp, 21-nji gezek adyny finala ýazdyrdy. «Mançester Ýunaýted» FA Kubogyny eýelemekde 12 ýeňiş bilen «Arsenaldan» soň (14) 2-nji ýerde barýar. «Mançester Ýunaýted» taryhynda 3-nji gezek 1983-nji we 1994-nji ýyllardan soň hem Liga Kubogynda, hemem FA Kubogynda finala çykdy. «Ýunaýted» fewral aýynda oýnalan Liga Kubogynyň finalynda «Nýukasly» ýeňipdi.

# Ewansyň 6-njy ýeňşi

**Dünýä Ralli çempionatynda möwsümiň 4-nji ýaryşy Horwatiýada geçirildi. 20 tapgyrdan ybarat bolan 301,26 kilometrlik ýaryşda «Toyota Gazoo» toparynyň britaniýaly sürüjisi Elfin Ewans ýeňiş gazandy. Ol ýaryşy 2 sagat 50 minut 54,3 sekuntda tamamlap, möwsümdäki 1-nji, karýerasyndaky 6-njy ýeňşini baýram etdi. «M-Sport Ford» toparynyň estoniýaly sürüjisi Ott Tanak ýeňijiden 27 sekunt yza galyp, 2-nji ýeri eýeledi. Ýeňijiden 58,6 sekunt soň pellehana gelen «Hyundai Shell Mobis» toparynyň finlýandiýaly piloty Esapekka Lappi 3-nji orna mynasyp boldy. Geçen möwsümiň çempiony, finlýandiýaly Kalle Rowanpera («Toyota Gazoo») ýaryşy 4-nji bolup tamamlady.**



**Geçirilen 4-nji ýaryşdan soň sürüjileriň sanawynda çempionlyk ugrunda ýiti göreş dowam edýär. Utuklary 69 bolan sürüjilerden fransiýaly Sebastian Ožie bilen Elfin Ewans 1-nji we 2-nji orunlary paýlaşýarlar. 3-nji ýerdäki Kalle Rowanperanyň 68, 4-nji orundaky Ott Tanagyň 65 utugy bar.**

**Möwsümiň 5-nji bäsleşigi 11-14-nji maý aralygynda Portugaliýanyň Porto şäherinde geçiriler.**

# Russiýanyň çempionatynda taryhy rekord

Russiýanyň çempionaty «Premýer Ligada» taryhy rekord goýuldy. Ahyrlap barýan çempionatyň 24-nji tapgyrynda eminler 10 gezek penalti nokadyny görkezdiler. Bu görkeziji rekorda deň bolup, ondan öň 2005-nji ýylda 21-nji tapgyrda 9 sapar penalti urgusy bellenilipdi. Eminler 24-nji tapgyryň çäginde «Himki»—«Torpeda» (4–2), «Fakel»—«Orenburg» (1–3) duşuşyklarynda 3, şeýle-de, «Zenit»—«Dinamo» (3–1), «Ural»— «Rostow» (1-3), «Pari NN»—«Krylýa Sowetow» (2–1) hem-de düýn oýnalan «Spartak»—«Krasnodar» (4–3) duşuşyklarynda-da 1 gezek penalti urgusyny bellediler.



«Mir» RPL-de şu möwsümde eminlerden Wladislaw Bezborodow 18 oýunda 11 gezek penalti urgusyny belläp, bu babatda öňdeligi eýeleýär. Pawel Şadyhanow bolsa 12 oýunda 8 gezek ak nokady görkezdi.

# AŞAKY LIGA DÜŞEN ILKINJI TOPAR

Fransiýanyň çempionatynda sanawyň lideri PSŽ myhmançylykda «Anže» toparyny Kilian Mbappeniň 9-njy we 26-njy minutlardaky gollary bilen 2–1 ýeňdi. «Nant», «Strasbur», «Brest» toparlarynyň utuk gazanmagyndan soň PSŽ-den 2–1 asgyn gelen «Anže» toparynyň wagtyndan öň 2-nji liga («Ligue 2») düşjekdigi mälim boldy. «Anže» topary 8 ýyldan soň 2-nji liga düşüp, olar 2015-nji ýyldan bäri «Ligue 1»-e wekilçilik edip gelýärdi. Geljek möwsümden başlap, 18 klubuň çykyş etjek çempionatynda bu ýyl 4 klub aşaky liga düşer. Aşaky ligadanam 2 klub ýokary liga çykar. «Anžeden» soň 22 utugy bolan «Troýa» bilen «Aýaççonyň» hem aşaky liga düşmegine garaşylýar. Ligadan gitjek 4-nji topar bolmazlyk üçin «Brest», «Nant», «Strasbur» hem-de «Oser» toparlarynyň arasynda ýiti göreş dowam edýär.



### PREMIER LEAGUE (33) — 19 gol

**Wulwerhempton—K.Palas: 2–0** (Anderson 3 ö.d., Neweş 90+3 p), **Aston Willa—Fulham: 1–0** (Mings 21), **Lids—Lester: 1–1** (Sinisterra 20 — Wardi 80), **Nottingam—Braýton: 3–1** (Gross 45+3 ö.d., Danilo 69, Gibbs-Waýt 90+1 p — Buonanotte 38), **Çelsi—Brentford: 0–2** (Azpilikueta 37 ö.d., Mbeumo 78), **West Ham—Liwerpul: 1–2** (Paketa 12 — Gakpo 18, Matip 67), **Mançester Siti—Arsenal: 4–1** (De Bruýne 7, 54, Stounz 45+1, Holann 90+5 — Holding 86), **Southempton—Bornmut, Ewerton—Nýukals, Tottenham—Mançester Ýunaýted**

### LA LIGA (31) — 15 gol

**Žirona—Real Madrid: 4–2** (Kastelýanos 12, 24, 46, 62 — Winisius Junior 34, Lukas Waskes 85), **Kadiz—Osasuna: 0–1** (Ruben Garsiýa 62), **Betis—Real Sosiedad: 0–0, Hetafe—Almeriýa: 1–2** (Maýoral 71 — Luis Suares 7, 58), **Atletiko—Malýorka: 3–1** (De Paul 45+2, Morata 47, Karrasko 77 — Nastasiç 20), **Raýo Wallekano—Barselona: 2–1** (Alwaro Garsiýa 19, Fran Garsiýa 53 — Lewandowski 83), **Selta—Elçe: 1–0** (Aýdu 90), **Wilýarreal—Espanýol, Walensiýa—Walýadolid, Atletik—Sewilýa**

### SERIE A (31) — 28 gol

**Werona—Bolonýa: 2–1** (Werdi 45+6 p, 62 — Dominges 90+4), **Salernitana—Sassuolo: 3–0** (Pirola 9, Dia 20, Kulibali 65), **Lasio—Torino: 0–1** (Iliç 43), **Sampdoriýa—Spesiýa: 1–1** (Amione 23 — Werde 59), **Empoli—Inter: 0–3** (Lukaku 48, 76, Martines 88), **Udineze—Kremoneze: 3–0** (Samarjiç 2, Peres 27, Saksess 36), **Monza—Fiorentina: 3–2** (Biragi 26 ö.d., Mota 43, Pessina 58 — Kuame 8, Saponara 13), **Milan—Leçe: 2–0** (Leao 40, 75), **Ýuwentus—Napoli: 0–1** (Raspodari 90+3), **Atalanta—Roma: 3–1** (Paşaliç 39, Toloi 74, Koopmeýners 84 — Pellegrini 83)

### LIGUE 1 (32) — 22 gol

**Anže—PSŽ: 1–2** (Tiub 87 — Mbappe 9, 26), **Oser—Lill: 1–1** (Niang 62 p — Dewid 36 p), **Lans—Monako: 3–0** (Openda 9, 16, Tomasson 56), **Reýms—Strasbur: 0–2** (Diallo 1, 37), **Aýaçço—Brest: 0–0, Loriýan—Tuluza: 0–1 (Abuhlýal 68), Nant—Trua: 2–2** (Pallua 25, Gessand 90+6 — Balde 64 p, Odober 90+2), **Nissa—Klermon: 1–2** (Lýabord 41 — Çam 37, Haui 83), **Monpelie—Renn: 1–0** (Mawididi 84), **Lion—Marsel: 1–2** (Lakazett 68 — Ünder 44, Gýusto 90+3 ö.d.)

### BUNDESLIGA (29) — 33 gol

**Augsburg—Ştutgart: 1–1** (Belio 8 — Endo 78), **Maýns—Bawariýa: 3–1** (Ažork 29, Barreýro 73, Martin 79 — Mane 29), **Hoffenhaým—Köln: 1–3** (Dolberg 90+4 — Kaýns 18 p, Zelke 39, Tilmann 90+2), **Herta—Werder: 2–4** (Ngankam 68, Lukebakio 79 p — Dukş 6, 27, 51, Waýzer 63), **Bohum—Wolfsburg: 1–5** (Broşinski 69 — Swanberg 10, 56, Kaminski 21, Wimmer 33, Waldşmidt 77), **Borussiýa D—Aýntraht: 4–0** (Bellingam 19, Malen 24, 66, Hummels 41), **Fraýburg—Şalke: 4–0** (Gregoriç 7, 35, Höler 53, Ginter 82), **Baýer—Leipsig: 2–0** (Gložek 40, Amiri 86 p), **Borussiýa M—Union Berlin: 0–1** (Bekker 60)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 33 | 23 | 6 | 4 | 78-38 | 75 |
| 2 | MAN. SITI | 31 | 23 | 4 | 4 | 82-29 | 73 |
| 3 | NÝUKASL | 31 | 16 | 11 | 4 | 54-25 | 59 |
| 4 | M. ÝUNAÝTED | 30 | 18 | 5 | 7 | 46-37 | 59 |
| 5 | ASTON WILLA | 33 | 16 | 6 | 11 | 46-41 | 54 |
| 6 | LIWERPUL | 32 | 15 | 8 | 9 | 61-39 | 53 |
| 7 | TOTTENHAM | 32 | 16 | 5 | 11 | 58-51 | 53 |
| 8 | BRAÝTON | 30 | 14 | 7 | 9 | 55-40 | 49 |
| 9 | BRENTFORD | 33 | 11 | 14 | 8 | 50-43 | 47 |
| 10 | FULHAM | 32 | 13 | 6 | 13 | 44-43 | 45 |
| 11 | ÇELSI | 32 | 10 | 9 | 13 | 30-35 | 39 |
| 12 | K. PALAS | 33 | 9 | 10 | 14 | 31-42 | 37 |
| 13 | W. HEMPTON | 33 | 10 | 7 | 16 | 29-44 | 37 |
| 14 | WEST HAM | 32 | 9 | 7 | 16 | 34-43 | 34 |
| 15 | BORNMUT | 32 | 9 | 6 | 17 | 31-63 | 33 |
| 16 | LIDS | 33 | 7 | 9 | 17 | 42-63 | 30 |
| 17 | NOTTINGAM | 33 | 7 | 9 | 17 | 29-60 | 30 |
| 18 | LESTER | 33 | 8 | 5 | 20 | 44-57 | 29 |
| 19 | EWERTON | 32 | 6 | 10 | 16 | 24-46 | 28 |
| 20 | SOUTHEMPTON | 32 | 6 | 6 | 20 | 27-56 | 24 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 31 | 24 | 4 | 3 | 55-11 | 76 |
| 2 | REAL MADRID | 31 | 20 | 5 | 6 | 65-28 | 65 |
| 3 | ATLETIKO | 31 | 19 | 6 | 6 | 50-23 | 63 |
| 4 | R. SOSIEDAD | 31 | 16 | 7 | 8 | 39-29 | 55 |
| 5 | BETIS | 31 | 14 | 7 | 10 | 39-33 | 49 |
| 6 | WILÝARREAL | 30 | 14 | 5 | 11 | 39-30 | 47 |
| 7 | ATLETIK B | 30 | 13 | 7 | 10 | 42-30 | 46 |
| 8 | OSASUNA | 31 | 12 | 8 | 11 | 29-32 | 44 |
| 9 | R. WALLEKANO | 31 | 11 | 10 | 10 | 38-37 | 43 |
| 10 | ŽIRONA | 31 | 11 | 8 | 12 | 48-45 | 41 |
| 11 | MALÝORKA | 31 | 11 | 7 | 13 | 30-34 | 40 |
| 12 | SELTA | 31 | 10 | 9 | 12 | 37-42 | 39 |
| 13 | SEWILÝA | 30 | 10 | 8 | 12 | 37-45 | 38 |
| 14 | WALÝADOLID | 30 | 10 | 5 | 15 | 26-48 | 35 |
| 15 | ALMERIÝA | 31 | 9 | 6 | 16 | 38-53 | 33 |
| 16 | KADIZ | 31 | 7 | 11 | 13 | 23-43 | 32 |
| 17 | HETAFE | 31 | 7 | 10 | 14 | 29-41 | 31 |
| 18 | WALENSIÝA | 30 | 8 | 6 | 16 | 32-36 | 30 |
| 19 | ESPANÝOL | 30 | 6 | 10 | 14 | 35-49 | 28 |
| 20 | ELÇE | 31 | 2 | 7 | 22 | 20-62 | 13 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 31 | 25 | 3 | 3 | 67-21 | 78 |
| 2 | LASIO | 31 | 18 | 7 | 6 | 49-21 | 61 |
| 3 | ÝUWENTUS | 31 | 18 | 5 | 8 | 47-26 | 59 |
| 4 | MILAN | 31 | 16 | 8 | 7 | 51-37 | 56 |
| 5 | ROMA | 31 | 17 | 5 | 9 | 43-29 | 56 |
| 6 | INTER | 31 | 17 | 3 | 11 | 51-34 | 54 |
| 7 | ATALANTA | 31 | 15 | 7 | 9 | 51-36 | 52 |
| 8 | BOLOŇÝA | 31 | 12 | 8 | 11 | 40-39 | 44 |
| 9 | UDINEZE | 31 | 10 | 12 | 9 | 42-39 | 42 |
| 10 | FIORENTINA | 31 | 11 | 9 | 11 | 37-36 | 42 |
| 11 | TORINO | 31 | 11 | 9 | 11 | 32-36 | 42 |
| 12 | MONZA | 31 | 11 | 8 | 12 | 38-43 | 41 |
| 13 | SASSUOLO | 31 | 11 | 7 | 13 | 38-46 | 40 |
| 14 | SALERNITANA | 31 | 7 | 12 | 12 | 37-50 | 33 |
| 15 | EMPOLI | 31 | 7 | 11 | 13 | 25-40 | 32 |
| 16 | LEÇÇE | 31 | 6 | 10 | 15 | 26-38 | 28 |
| 17 | SPESIÝA | 31 | 5 | 12 | 14 | 26-49 | 27 |
| 18 | WERONA | 31 | 6 | 8 | 17 | 26-44 | 26 |
| 19 | KREMONEZE | 31 | 3 | 10 | 18 | 27-57 | 19 |
| 20 | SAMPDORIÝA | 31 | 3 | 8 | 20 | 20-52 | 17 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE I/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 32 | 24 | 3 | 5 | 75-31 | 75 |
| 2 | MARSEL | 32 | 20 | 7 | 5 | 59-31 | 67 |
| 3 | LANS | 32 | 19 | 9 | 4 | 54-25 | 66 |
| 4 | MONAKO | 32 | 18 | 7 | 7 | 66-46 | 61 |
| 5 | LILL | 32 | 16 | 8 | 8 | 57-40 | 56 |
| 6 | RENN | 32 | 16 | 5 | 11 | 51-34 | 53 |
| 7 | LION | 32 | 14 | 8 | 10 | 50-36 | 50 |
| 8 | REÝMS | 32 | 11 | 14 | 7 | 40-34 | 47 |
| 9 | KLERMON | 32 | 13 | 7 | 12 | 35-43 | 46 |
| 10 | NISSA | 32 | 11 | 12 | 9 | 39-31 | 45 |
| 11 | LORIÝAN | 32 | 12 | 9 | 11 | 43-44 | 45 |
| 12 | TULUZA | 32 | 12 | 5 | 15 | 48-54 | 41 |
| 13 | MONPELIE | 32 | 12 | 4 | 16 | 48-52 | 40 |
| 14 | OSER | 32 | 8 | 9 | 15 | 30-53 | 33 |
| 15 | STRASBUR | 32 | 7 | 11 | 14 | 43-53 | 32 |
| 16 | NANT | 32 | 6 | 14 | 12 | 35-46 | 32 |
| 17 | BREST | 32 | 7 | 11 | 14 | 35-48 | 32 |
| 18 | TRUA | 32 | 4 | 10 | 18 | 41-69 | 22 |
| 19 | AÝAÇÇO | 32 | 6 | 4 | 22 | 22-58 | 22 |
| 20 | ANŽE | 32 | 3 | 5 | 24 | 25-68 | 14 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 29 | 19 | 3 | 7 | 66-39 | 60 |
| 2 | BORUSSIÝA D | 29 | 17 | 8 | 4 | 79-33 | 59 |
| 3 | UNION BERLIN | 29 | 16 | 7 | 6 | 44-31 | 55 |
| 4 | FRAÝBURG | 29 | 15 | 8 | 6 | 45-37 | 53 |
| 5 | LEIPSIG | 29 | 15 | 6 | 8 | 53-37 | 51 |
| 6 | BAÝER | 29 | 14 | 5 | 10 | 53-41 | 47 |
| 7 | MAÝNS | 29 | 12 | 9 | 8 | 49-40 | 45 |
| 8 | WOLFSBURG | 29 | 11 | 10 | 8 | 51-37 | 43 |
| 9 | AÝNTRAHT | 29 | 11 | 9 | 9 | 49-45 | 42 |
| 10 | BORUSSIÝA M | 29 | 9 | 9 | 11 | 43-46 | 36 |
| 11 | KÖLN | 29 | 8 | 11 | 10 | 40-47 | 35 |
| 12 | WERDER | 29 | 10 | 5 | 14 | 47-56 | 35 |
| 13 | AUGSBURG | 29 | 8 | 6 | 15 | 38-54 | 30 |
| 14 | HOFFENHAÝM | 29 | 8 | 5 | 16 | 39-50 | 29 |
| 15 | BOHUM | 29 | 8 | 3 | 18 | 32-66 | 27 |
| 16 | ŞTUTGART | 29 | 5 | 10 | 14 | 36-51 | 25 |
| 17 | ŞALKE | 29 | 5 | 9 | 15 | 26-56 | 24 |
| 18 | HERTA | 29 | 5 | 7 | 17 | 35-59 | 22 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Man. Siti) | 33 |
| 2 | Harri KEÝN (Tottenham) | 24 |
| 3 | Aýwen TOUNI (Brentford) | 19 |
| 4 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 16 |
| 5 | Markus REŞFORD (Man. Ýunaýted) | 15 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 18 |
| 2 | Karim BENZEMA (Real Madrid) | 14 |
| 3 | Enes ÜNAL (Hetafe) | 13 |
| 4 | Borha IGLESIAS (Betis) | 12 |
| 5 | Ýago ASPAS (Selta) | 12 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Wiktor OSIMHEN (Napoli) | 21 |
| 2 | Lautara MARTINES (Inter) | 15 |
| 3 | Ademola LUKMEN (Atalanta) | 13 |
| 4 | M'Bala NZOLA (Spesiýa) | 13 |
| 5 | Hwiça KWARASHELIÝA (Napoli) | 12 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 22 |
| 2 | Jonatan DEWID (Lill) | 21 |
| 3 | Aleksandr LAKAZETT (Lion) | 20 |
| 4 | Folarin BALOGUN (Reýms) | 18 |
| 5 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 17 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Niklas FÜLLKRUG (Werder) | 16 |
| 2 | Winçenzo GRIFO (Fraýburg) | 13 |
| 3 | Markus TURAM (Borussiýa M) | 13 |
| 4 | Remdel KOLO MUANI (Aýntraht) | 13 |
| 5 | Kristofer NKUNKU (Leipsig) | 12 |

# ÇEMPIONLYK UGRUNDA ÝITI GÖREŞ

**76 ýyldan soň 1 oýunçy 4 gol geçirdi**

Ispaniýanyň çempionatynda soňky 7 günde 30-njy we 31-nji tapgyrlaryň duşuşyklary geçirildi. «Atletikony» Ferran Torresiň ýeke-täk goly bilen 1–0 ýeňen «Barselona» myhmançylykda «Raýo Wallekanodan» Alwaro hem-de Fran Garsiýalaryň gollary esasynda 2–1 utuldy. «Seltany» Marko Asensio hem-de Eder Militaonyň gollary bilen 2–0 ýeňen «Real Madrid» 31-nji tapgyrda myhmançylykda «Žironadan» 4–2 asgyn geldi. «Real Madridiň» derwezesinden geçirilen 4 goly hem argentinaly hüjümçi, Taty lakamly Walentin Kastelýanos öz adyna ýazdyrdy. Ol çempionatyň çäginde 76 ýyldan soň «Realyň» derwezesinden 4 gol geçiren 6-njy futbolçy boldy. Mundan öň çempionatda «Real Madride» garşy Karlos Bestit («Ýewropa», 1929), Karlos Wantorla («Barselona», 1935), Martines Katala («Owiedo», 1940), Emilin («Owiedo») hem-de ýeke-täk 5 gol geçiren Esteban Eçewarriýa («Owiedo», 1947) dagy poker edipdi. Kastelýanos ähli ýaryşlary hasaba alanyňda «Realyň» derwezesinden 4 gol geçiren 10-njy futbolçy bolup, soňky gezek 2013-nji ýylda Çempionlar Ligasynyň çäginde «Borussiýa Dortmundyň» polşaly ýyldyzy Robert Lewandowski 4 gol girizipdi.


Walentin Kastelýanos

**«Arsenal» ýene-de ýeňildi**

Angliýanyň çempionatynda-da soňky 7 günde toparlar 2 tapgyryň duşuşyklaryny geçirdiler. Sanawyň lideri «Arsenal» öz meýdançasynda «Southempton» bilen soňky minutlarda 2 gol geçirip, ýeňlişden halas boldy we bassyr 3-nji duşuşygyny deňlikde tamamlady. Olar 33-nji tapgyrda 2 oýny az «Mançester Siti» bilen duşuşyp, soňky 7 oýunda bolşy ýaly, ýene bir ýola ýeňlişe sezewar boldular. «Arsenalyň» derwezesinden gollary De Bruýne (2), Stounz hem-de Holann geçirdi. Soňky 15 oýunda «Sitini» diňe 1 gezek ýeňen «Arsenal» häzirlikçe 2 utuk öňde barýar. Duşuşykda 1 gezek tapawutlanan Erling Holann çempionatdaky 33-nji goluny geçirip, 38 oýunly döwürde iň köp gol geçiren futbolçy boldy. 32-nji tapgyrda «Tottenhamy» 6–1 ýeňen «Nýukasl» eýýäm 21 minutda 5 gol geçirdi. «Nýukasl» topary «Premier Ligada» «Mançester Sitiden» soň iň çalt 5 gol geçiren 2-nji topar boldy. «Nottingem Foresti» 3–2 ýeňen «Liwerpul» myhmançylykda «West Hamdan» hem 2–1 hasabynda üstün çykmagy başardy.


Kewin De Bruýne

**«Napoli» çemp...**

Italiýanyň çempionatynda tapgyryň merkezi oýnunda sanawyň lideri «Napoli» myhmançylykda aýrylan 15 utugy yzyna gaýtaryp berlen «Ýuwentus» bilen duşuşdy. Jerimesi ýatyrylyp, 3-nji orna beýgelen «Ýuwentus» 90+3-nji minutda Raspadoriniň goluna çäre tapyp bilmedi. Şunlukda, «Napoli» 1–0 hasabynda ýeňiş gazanyp, çempionlyga ýene bir ädim golaýlady. «Napoli» indiki tapgyrda ýeňiş gazanyp, «Lasio» utulsa, onda olar wagtyndan öň çempionlygyny yglan eder. «Lasionyň» öz meýdançasynda «Torinodan» 1–0 utulan tapgyrynda «Milan» Leaonyň gollary bilen «Leççeni» 2-0 ýeňdi. «Inter» myhmançylykda «Empolini» 3–0 utdy. «Roma» bolsa «Atalantadan» 3–1 asgyn gelip, 5-nji orna düşdi.

**«Borussiýa Dortmund» 1-nji orna geçdi**

Germaniýanyň çempionatynda sanawyň lideri üýtgedi. Myhmançylykda Maneniň goly bilen 1–0 öňe geçendigine garamazdan, «Maýnsdan» 3–1 asgyn gelen «Bawariýa» 2-nji orna düşdi. Öz meýdançasynda «Aýntrahty» Bellingam, Malen (2) hem-de Hummelsiň gollary bilen 4–0 ýeňen «Borussiýa Dortmund» häzirlikçe sanawyň täze lideri boldy. Kem-kemden ýokarky orunlara dyrmaşýan «Baýer» topary öz meýdançasynda «Leipsigi» Gložek we Amiriniň gollary bilen 2-0 ýeňdi.

# Geçen ýyl hem duşuşypdylar

**UEFA Çempionlar Ligasynda çärýek finaldan soň ýarym finalda-da futbol janköýerlerine biri-birinden dartgynly duşuşyklar garaşýar. Çärýek finalyň 1-nji duşuşygynda ýeňiş gazanan toparlar jogap oýnunda deňme-deň oýnap, ýarym finala çykdylar.**

«Bawariýa» bilen «Mançester Sitiniň» arasyndaky jogap oýny netijesine iň köp garaşylýan duşuşykdy. Duşuşykdan öň nemes klubunyň 3–0-dan dolanyp biljekdigini aýdýanlar hem bolupdy, ýöne şol garaşylýan netije bolmady. «Allianz Arena»-da oýnalan duşuşyk çekeleşikli hem-de dartgynly geçdi. Oýnuň 37-nji minutynda eminiň bellän penalti urgusyny Erling Holann dürs urup bilmedi. Soňky 16 penalti urgusynda ilkinji gezek ýalňyşan Holannyň urgusynda top derwezäniň ýokarsyndan meýdançanyň daşyna çykdy. Ýöne Holann 20 minut soň, has takygy, 57-nji minutda tapawutlanyp, bu ýalňyşynyň öwezini dolmagy başardy. Bu goldan soň hasam lapykeç bolan münhenliler 83-nji minutda Ýosua Kimmihiň penalti goly bilen hasaby deňleselerem, bu olara ýarym final üçin ýeterlik bolmady. Şunlukda, «Bawariýa» bassyr 3-nji gezek çärýek finaly geçip bilmedi. Başgaça aýdylanda, 2020-nji ýylda gazanylan çempionlykdan soň «Bawariýa» toparyna iň gowy 4-lige düşmek başardanok. Munuň tersine, «Mançester Siti» bassyr 3-nji, umumylykda-da 4-nji sapar ýarym finala çykdy. Toparyň tälimçisi Pep Guardiola 10-njy gezek ýarym finala çykyp, bu ugurda Karlo Ançelottiden öňe saýlandy.

«Mançester Sitiniň» ýarym finaldaky garşydaşy häzirki çempion «Real Madrid» bolar. Iki klub geçen möwsümde-de ýarym finalda duşuşypdy. Iki klub şu wagta çenli 8 gezek duşuşyp, hersi 3 gezek ýeňiş gazandy. 2 oýun hem deňlikde tamamlandy. Iki topar ilkinji gezek UEFA-nyň ýaryşlarynda 2012/13 möwsüminde toparçalarda gabatlaşypdylar. Şonda «Real» öz meýdançasynda 3-2 ýeňip, myhmançylykda 1–1 deňme-deň oýnapdy. 2015/16 möwsüminde ýarym finalda duşuşan toparlar Angliýada golsuz deňme-deň oýnap, Madridde-de ispan kluby Fernandonyň awtogoly bilen ýeňşini baýram edipdi. 2019/20 möwsüminde duşuşan klublaryň bu ge-



zekki gabatlaşmasynda ýeňiş gazanan «Mançester Siti» boldy. Şäherliler 1/8 finalda «Real Madridi» 2 ýerde-de 2–1 hasaplar bilen utdy. Olaryň soňky tutluşygy geçen möwsümiň ýarym finalynda bolupdy. Çekeleşikli geçen oýunlardan soň myhmançylykda 4–3 utulan «Real Madrid» öz meýdançasynda goşmaça wagtda 3–1 ýeňip, finala çykypdy. «Real Madrid» topary «Mançester Siti» bilen duşuşan möwsümleriniň 2-sinde ýarym finalda ýeňiş gazanyp, soňlugy bilenem kubogy eýeläpdi.

# «Mançester Ýunaýted» ispan klublaryndan ejir çekýär

UEFA Ýewropa Ligasynda ýarym finalçylar belli bolup, «Mançester Ýunaýted» ýene-de ispan klubuna hötde gelip bilmedi. Angliýada 2–2 deňlikde tamamlanan duşuşygyň jogap oýnunda «Sewilýa» öz meýdançasynda «Mançester Ýunaýtediň» derwezesinden jogapsyz 3 pökgi girizdi. Gollary 8-nji we 81-nji minutlarda En-Nesiri hem-de 47-nji minutda Bade geçirdi. «Sewilýa» topary «Mançester Ýunaýtedi» soňky 6 ýylda 3-nji gezek Ýewrokubok ýaryşlaryndan çykardy. Umumylykda «Mançester Ýunaýted» soňky 6 möw-



sümden bäri ispan klublaryndan utulyp, UEFA-nyň ýaryşlarynda nobatdaky tapgyra geçmek başardanok. «Sewilýa» soňky 10 ýylda 5-nji gezek ýarym finala çykyp, şolaryň 4-sinde kubogy eýeläpdi.



Ýussef En-Nesiri

«Ýuwentus» hem öz meýdançasynda 1–0 ýeňiş gazanmagyň hözirini jogap duşuşygynda gördi. «Sporting» bilen myhmançylykda 1–1 hasabynda deňme-deň oýnap (Edwards 20 p — Rabio 9), 22-nji gezek Ýewrokuboklarda ýarym finala çykdy. «Ýuwentus» bu ugurda «Real Madridden», «Bawariýadan» hem-de «Barselonadan» yza galýar. Öz meýdançasynda 1–1 deňme-deň oýnan «Baýer» myhmançylykda «Ýunion Sent-Žilluany» uly hasap bilen, 4–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Lewerkuzenlileriň gollaryny Diabi (2), Bakker (37), Frimpong (60) hem-de Hložek (79) öz atlaryna ýazdyrdylar.

Rotterdamda 1–0 asgyn gelen «Roma» öz meýdançasynda «Feýenoordy» goşmaça wagtda 4–1 hasabynda utup, ýarym finala çykdy. «Romanyň» gollaryny esasy wagtda Spinazzola (60) bilen Dibala (89), goşmaça wagt-



da-da El-Şaarawi (101) bilen Pellegrini (108) derwezä girizdi. «Feýenoordyň» adyndanam Paişao (80) tapawutlandy.

Ýarym finalda «Ýuwentus» bilen «Sewilýa», «Roma» bilenem «Baýer» duşuşar. Ýarym finalyň duşuşyklary 11-nji hem-de 18-nji maýda oýnalar.

* * *

**Ýewropa Konferensiýa Ligasynda** çärýek finalyň jogap oýunlary geçirildi. Myhmançylykda 4–1 hasabynda ýeňiş gazanan «Fiorentina» tasdanam ýaryşdan çykýardy. «Leh Poznan» topary 69-njy minutda 3–0 öňe saýlanyp (Sousa 9, Welde 65 p, Sobieç 69), 2 oýnuň netijesi boýunça hasaby deňledi. Soňlugy bilen tijenen italýan kluby taryhy ýalňyşlyga ýol bermän 2 gol geçirmegi başardy (Sottil 78, Kastrowilli 90+2). Netijede, 5–4 öňe saýlanan «Fiorentina» ýarym finala çykdy. Myhmançylykda 1–1 deňme-deň oýnan «West Ham» öz meýdançasynda «Genti» 4–1 hasabynda ýeňdi. Iňlis klubunyň gollaryny Antonio (37, 63), Paketa (56 p) hem-de Raýs (58) geçirdi. 1-nji oýunda 2–0 utulan «AZ Alkmaar» öz meýdançasynda «Anderlehti» Pawlidisiň gollary esasynda şol hasap bilen ýeňmegi



başardy. Goşmaça wagtda hasap üýtgemän, penaltileriň netijesinde AZ topary 4–1 öňe saýlanyp, ýarym finala çykdy. Öz meýdançasynda 2–2 deňme-deň oýnan «Bazel» myhmançylykda «Nanty» goşmaça wagtda ýeňmegiň hötdesinden geldi. Esasy wagtyň ahyrlarynda hasaby deňlän şweýsarlar goşmaça wagtda-da öňe saýlanyp, ýarym finalda oýnamaga hukuk gazandy. Duşuşykda ýer eýeleriniň adyndan Laborde (9), «Bazeliň» adyndanam Augustin (86) bilen Nuhu (98) tapawutlandy.

Şunlukda, ýarym finalda «Fiorentina» bilen «Bazel», «West Ham» bilenem «AZ Alkmaar» toparlary duşuşarlar. Duşuşyklar 11-nji hem-de 18-nji maýda geçiriler.

# Çempionlar Ligasynda 18 ýyldan soň Milan derbisi

**UEFA Çempionlar Ligasynda ýarym finalda italýan, has takygy, «Milan» derbisi oýnalar. Çärýek finalyň jogap duşuşygynda «Inter» öz meýdançasynda «Benfika» bilen 3–3 deňme-deň netije görkezdi. Çekeleşikli geçen oýunda 14-nji minutda Nikola Barella owadan gol bilen italýanlary öňe saýlady. 38-nji minutda Fredrik Eursnes hasaby deňledi. Oýnuň 65-nji we 78-nji minutlarynda «Interiň» argentinaly ýyldyzlary — Lautara Martines bilen Hoakin Korrea tapawutlanyp, hasaby 3–1-e ýetirdiler. Portugal klubunyň futbolçylarynyň — 85-nji minutda Antonio Silwanyň, 90+5-nji minutda Petar Musanyň gollary hasaby deňlemäge ýetse-de, ýarym finala çykmak üçin ýeterlik bolmady. Şunlukda, şu möwsümde Çempionlar Ligasynda 14 duşuşyk geçirip, şolaryň diňe birinde ýeňlen «Benfika» üçin Ýewrokuboklar şu möwsüm üçin tamamlandy. «Inter» bolsa 13 ýyldan soň 3-nji gezek ýarym finala çykmagy başardy. «Inter» ýarym finalda mundan öň şu ýaryşda 2 gezek gabatlaşan garşydaşy, köne bäsdeşi «Milan» bilen duşuşar. «Milan» bilen «Interiň» arasyndaky öňki 2 gabatlaşmada hem «Intere» garşydaşyny ýeňmek başartmady. Iki gezekde hem «Milan» ýarym finalda «Interi»**



**ýaryşdan çykaryp, finala adyny ýazdyrypdy. «Milan» bilen «Inter» 2002/03 möwsüminde ýarym finalda duşuşdylar. Şonda duşuşyklar 0–0 we 1–1 hasabynda deňlikde tamamlanyp, «Milan» finala çykypdy we finalda-da «Ýuwentusy» ýeňipdi. Olar 2-nji gezek 2004/05 möwsüminde çärýek finalda gabatlaşypdylar. 1-nji oýunda «Milan» 2–0 ýeňip, jogap duşuşygynda 1–0 öňde barýarka, janköýerleriň bitertip hereketlerinden soň 72-nji minutda oýun ýatyrylypdy. UEFA tarapyndan bu duşuşykda «Intere» 3–0 tehniki ýeňliş berlipdi.**

# Ýeňijileriň birine BMW, ýene birine-de «Porsche» berildi

**Tennis boýunça geçirilen 3 iri ýaryşda geçen ýylky çempionlar bu ýyl hem ýeňiş gazanyp, çempionlyklaryny goramagy başardylar.**

Germaniýanyň Münhen şäherinde geçirilen 107-nji Halkara Bawariýa ýa-da has ýörgünli «BMW Açyk» bolan ýaryşda bu ýylam daniýaly Holger Rune ýeňiş gazandy. Ol finalda edil geçen ýylda bolşy ýaly, Niderlandlardan Botik wan de Zandshulp bilen duşuşdy. 1-nji setde Rune (6:4), 2-nji setde Wan de Zandshulp (6:1) ýeňiş gazandy. Final setinde ýeňijini taý-brek kesgitläp, 7:6 öňe saýlanan Rune «BMW Açykda» bassyr 2-nji gezek çempion bolmagy başardy. Bu onuň karýerasyndaky 4-nji ATP kubogydyr. Umumy baýrak gaznasy 480 müň ýewrodan gowrak bolan ýaryşda çempiona bäsleşigiň baş hemaýatkäri BMW tarapyndan täze awtoulag hem sowgat berilýär.

Ýeňijisine awtoulag sowgat berýän başga bir ýaryş hem Germaniýada geçirilen zenanlaryň arasyndaky «Ştutgart Açyk» ýa-da «Porsche» tennis «Gran Pri» bäsleşigidir. 45-nji gezek geçirilen ýaryşda-da geçen ýylyň ýeňijisi polşaly Iga Şwentek çempionlygyny goramagy başardy. Şwentek finalda edil geçen ýyldaky ýaly ýene-de belarusly Aryna Sabalenka bilen duşuşyp, güýçli garşydaşyndan 6:3 we 6:4 hasaplar bilen üstün çykdy. Umumy baýrak gaznasy 780 müň dollardan gowrak bolan ýaryşda ýeňijä «Porsche» kysymly ulag sowgat berildi. Ýeri gelende bellesek, Sabalenka bu ýaryşda bassyr 3 ýyldan bäri finalda utulyp gelýär.

Erkekleriň arasynda geçirilen 70-nji «Barselona Açyk» ýaryşynda ýer eýesi Karlos Alkarasa bu ýylam taý tapylmady. 19 ýaşyndaky tennisçi finalda gresiýaly Stefanos Sisipas bilen duşuşyp, garşydaşyny 2 setde 6:3 we 6:4 hasaplar ýeňlişe sezewar etdi. Barselonadaky bassyr 2-nji, şu möwsümdäki 3-nji kubogyny gazanan Alkaras 9-njy gezek ATP ýaryşlarynda çempion bolmagy başardy.



Karlos Alkaras

Şu ýyl Bosniýa we Gersegowinada ilkinji gezek geçirilen diňe erkekleriň arasyndaky «Srpska Açyk» tennis ýaryşynda serbiýaly Duşan Laýowiç ýeňiş gazandy. 32 ýaşyndaky tennisçi 562 müň ýewrolyk baýrak gaznasy bolan ýaryşyň finalynda russiýaly Andreý Rublewden 6:3, 4:6 we 6:4 hasaplar bilen üstün çykyp, karýerasyndaky 2-nji kubogyny asmana göterdi.












Abuna–2023




TÄZELIKLERI TÄZELIGINE OKAŇ!

ÜNS BERIŇ!

2023-nji ýylyň II ýarym ýyllygy üçin «Zaman-Türkmenistan» gazetine abuna ýazylyşyk başlandy. Abuna ýazylmak üçin «Türkmenpoçtanyň» islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz. Şeýle-de, gündelik täzelikleri «zamanturkmenistan.com.tm» internet sahypasyndan okap bilersiňiz.

www.zamanturkmenistan.com.tm INDEKSI 69477